✈ достопримечательности города. Цены – €22 с человека; экскурсии проводятся с 10 по 19 октября. Для дальнейшей информации посетите веб-сайт www.sternundkreis.de/en За 40 евро Вы можете объединить автобусную и теплоходную экскурсии, чтобы получить полную картину фестиваля. Для получения дальнейшей информации посетите веб-сайт ***www.top-tour-sightseeing.de/en***

Вечеринка на теплоходе (PartyShip)

Насладитесь освещенными иллюминацией достопримечательностями немецкой столицы во время Фестиваля Огней на вечеринке, которая будет проходить на теплоходе (PartyShip). Партнер Фестиваля «SternundKreisschiffahrt» гарантирует незабываемый вечер во время круиза по реке Шпрее с музыкой от лучшего диджея, с ужином и напитками. Цена – €29 с человека; экскурсия длится приблизительно три часа. Для получения дальнейшей информации посетите веб-сайт ***www.sternundkreis.de/en***

Поездка в освещенном экипаже (LightCarriage)

Узнайте о фестивале во время романтической поездки в экипаже от «BerlinVermittlungundKutschfahrten». У Вас будет незабываемый маршрут вдоль самых красиво освещенных мест и одна или две коротких остановки для фотографирования; вы также услышите анекдоты и пояснения от возницы экипажа. Экипаж вмещает шесть человек; цена – €95 за 45 минут или €150 за 75 минут. Для получения дальнейшей информации посетите веб-сайт ***www.berlin-kutschfahrten.de*** ●

✈ sizde nemes paýtagtynyň çyralar bilen dürli öwüşginlerde ýagtylandyrylan binalaryny, desgalaryny has içgin öwrenmäge mümkinçilikler bolar. Festiwalyň hyzmatdaşy «SternundKreisschiffahrt» firmasy gämi gezelençlerini (PartyShip) guraýar we Şpreýe deräsyndaky syýahat wagtynda uzak wagtlap ýadyňyzda galjak iň meşhur aýdymlaryň ýañlanýan, agşamlyk şamy berilýän we şerbetler hödürlenýän şowhunly agşamy kepillendirýär. Gezelenjiň bahasy adam başyna – € 29; gezelençler 3 sagada golaý dowam eder. Goşmaça maglumat almak üçin web-saýta ***www.sternundkreis.de/en*** girip bilersiňiz.

Çyralary ýalkym saçýan paýtunly gezelenç (LightCarriage)

«BerlinVermittlungundKutschfahrten» firmasynyň guraýan paýtunly gezelenji wagtynda festiwal barada köp zatlary bilersiňiz. Haýran galdyryjy ýşyklaryň şöhlesi bilen bezelen künjekleriň golaýyndan geçip gidýän gezelenç siziň üçin örän ýatda galyjy bolar we mümkinçilige görä surata düşmek üçin ýolda durlup, bir ýa-da iki gezek arakesme ediler; şunuň ýaly hem siz paýtunçynyň sürüjiniň wäşi gürrüňlerini hem-de onuň düşündirişli magtumatlaryny diňlärsiňiz. Gezelenje alty adam gatnaşyp bilýär we onuň bahasy 45 minutlyk gezelenç üçin – €95 ýa-da 150 minutlyk gezelenç üçin – €150; Goşmaça maglumat almak üçin web-saýta w***ww.berlin-kutschfahrten.de*** girip bilersiňiz. ●



● The Berliner Dome illuminated during the Festival of Lights 2013 in Berlin, Germany. ● 2013-nji ýylyň Ýşyklaryň festiwaly döwründe Berliniň Kafedral ybadathanasy, Berlin, Germaniýa. ● Берлинский Кафедральный Собор, освещенный во время Фестиваля Огней в 2013 г. в Берлине, Германия.

4G LTE

ÝOKARY TIZLIKLI INTERNET

ВЫСОКО-СКОРОСТНОЙ ИНТЕРНЕТ

HIGHSPEED INTERNET

TM CELL
"ALTYN ASYR"
Ýapyk Görnüşli Paýdarlar Jemgyýeti
Habarlaşmak üçin: 088,+99312 932026

www.tmcell.tm

The art of Felt: Turkmen Koshma Carpets

Alexandrina Evstigneeva travels to Geoktepe near Ashgabat to discover more about the beautiful art of handmade felt carpets

Long ago a woman was living in one of the settlements far away in the desert. The woman had a daughter who was the most beautiful girl in this settlement and everyone loved the girl for her kindness and mild nature. The woman doted on her daughter but suddenly grief came upon them – her daughter became ill. The woman rushed from one healer to another looking for a curative drug but none of the healers could help her daughter's dwindling life. Suddenly somebody remembered an old hermit who lived in the mountains and the woebegone mother immediately left home and began her long journey. When she finally entered the old hermit's yurt she fell down at the doorstep completely exhausted and she did not even have to explain why she had come: the old hermit knew in advance what grief brought this visitor to his home.

The old man's words surprised the old woman, "Unfortunately I cannot cure your daughter. None of the drugs can help her, only you will be able to save your daughter. When you get home make the warmest blanket of sheep wool with your own hands and muffle up your daughter. Maybe all your efforts will kill a disease. Go right now and start working". With hope for cure the woman hurried back home. All neighbours tried to help her, collecting wool for the "healing" blanket. The mother immediately started felting a blanket so dense and warm that there was no place for cold disease. She laid out a pattern which was a symbol of her love for her daughter and dreamt to see her child healthy and happy. By early morning the work had been completed and the tired mother covered her sick daughter with the healing felt blanket and then fell asleep, forgetting about her aching hands.

But there is magic in the world! The woman was awoken with a tender touch and when she opened her eyes she saw her daughter beside her. The girl was sitting beside her mother, stroking her tenderly on the shoulder and smiling. The joy of her life was healthy and cheerful! It was as though the pattern from the blanket had turned into a real life. The flow of tears of happiness and joy had washed away past grief and mother and daughter embraced. There was a soft cough and they turned to find the old healer on the doorstep. "How did the old man get here?" the mother thought, she did not tell him where she lived. She rushed to the old man thanking him for her daughter's happy recovery. But he stopped her avalanche of words, "Didn't you realise that it was you



• **Right:** *A sheep being sheared for its wool, which is needed to make the felt.* • **Sagdan:** *Keçäniň esasy materialy bolan goýun ýüňüniň gyrkylyşy.* • **Справа:** *Стрижка овец, шерсть которых используется для изготовления кошмы*

• *An example of Turkmen felt rugs.* • *Türkmen keçesi.* • *Туркменский войлочный ковер - кошма.*

El görki il gezer: Türkmen keçesi

Aleksandrina Ýewstigneýewa Aşgabadyň golaýynda ýerleşýän Gökdepe etrabynda bolup, çeper elli zenanlardan türkmen keçeleriniň taýýarlanyşynyň inçe tilsimlerini öwrendi

Gadym zamanlarda gum içindäki türkmen obalarynyň birinde bir eneli-gyz ýaşapdyr. Bu gyz owadanlykda obanyň ähli gyzlaryndan saýlanypdyr. Obanyň ähli adamlary akgöwünliligi, ýüregi ýukalygy, mylaýymlygy üçin bu gyzy diýseň eý görüpdirler. Ýöne, garaşylmadyk ýerden bu gözel gyz keselleýär. Ejesi onuň derdine derman tapjak bolup, bir ýerde tebip bolsa, aýlanyp çykýar. Emma, olaryň hiç biriniň saralyp-solup barýan gyza kömegi ýetmeýär. Birden, obadaky adamlaryň biriniň ýadyna uzakdaky dagda ýaşaýan we ähli keselleri bejerýän terkidünýä goja düşýär. Derdi agyr biçäre ene dessine gojanyň gözlegine çykýar we bäş gije-gündizlik ýoly bir günde geçip, tebibiň işiginden girýär. Emma, ýolda ysgyny gaçansoň, şol ýerde özünden gidýär. Dogrusy, biçäre enä özüniň bu ýere gelmeginiň sebäbini aýtmak gerek hem bolmandyr. Tebip bimahal gelen myhmany niçiksi hasratyň öz gapysyndan getirenligini soraman bilipdir.

Gojanyň aýdan sözleri enäni geň galdyrýar: «Hernäçe gynansamda, men seniň gyzyňy bejererden ejiz. Bu keseliň hiç hili dermany ýok, diňe seniň özüň gyzyňa kömek edip bilersiň. Öýüňe barańsoň, öz eliň bilen goýun ýüňünden dykyz, ýyly örtünje taýýarla hem-de gyzyňy şoňa dola. Enşalla, seniň yhlasyň keselden üstün çykar. Ur-tut ýola düş, barańsoň dessine işe başla!» Gyzynyň gutuljakdygyna umyt dörän ene öýüne tarap howlugýar. Gońşularyň hemmesi kömege ýygnanýar, her bir maşgala ýarawsyz gyzyň «şypa kürtesine» öwrüljek ýüň keçäni taýýarlamak üçin ellerinden gelen kömegini berýär. Ene gyzy üçin kalbynyň bar mährini siňdirip, ýukadan gelen, şeýle berk, şeýle dykyz örtünje taýýarlaýar. Oňa diýseň owadan örtmengöl nagşyny salýar. Bu nagyş enäniň öz gyzyna bolan söýgüsini, onuň öz çagasyny başy dik we bagtyýar halda görmek arzuwyny sözlerden has düşnükli, has çeper suratlandyrýar. Daň atmanka keçe taýýar bolýar, halys ýadan ene örtünjäni düşekde ýatan näsag gyzynyň üstüni ýapýar. Ysgyndan gaçan ene keçe basanda ganjyran tirseklerine, bileklerine em etmegi-de unudyp, gyzynyň başujunda uklap galýar.

Her niçikde, durmuşda gudrata duş gelmek bolýar. Ene kimdir biriniň özüni yralaýandygyny bilip, ukusyndan oýanýar, gözüni açyp, öz gyzynyň gapdalynda oturandygyny görýär. Görse, gyzy onuň keçe basmakdan ýaňa gan öýüp, gyzaran goşarlaryny sypaýarlarmyş, gyz keselden gutulanyna çäksiz begenýärmiş... Keçä nagyşlanan ene arzuwy hakykata öwrülýär. Begenç we şatlyk gözýaşlary öňki gam-gussany ýuwup, olardan nam-nyşan goýmaýar. ✈



• **Left:** *Coloured felt ready to be made into rugs.* • **Çepden:** *Darakdan geçilip dürli reňklere boýalan pişgeler we sümekler.* • **Слева:** *Окрашенный войлок.*

Искусство изготовления войлочного ковра: Туркменская кошма

Александрина Евстигнеева побывала в городке Геоктепе, расположенном недалеко от Ашхабада, чтобы узнать у мастеров о прекрасном искусстве изготовления узорного войлочного ковра

Давным-давно в одном из туркменских селений, затерянных в пустыне жила женщина и была у нее дочь, краше которой, не было во всем ауле. Все жители села любили девушку за доброту, отзывчивость, кроткий нрав, мать же души не чаяла в дочери. Но нежданно пришла беда, заболела красавица. Мать металась от одного лекаря к другому, ища целебного снадобья, но ни один из них не мог помочь угасающей жизни. И вдруг кто-то из сельчан вспомнил про старца-отшельника, живущего далеко в горах и исцеляющего от всех болезней. Безутешная мать мигом собралась в дорогу, и за один день преодолела расстояние пяти суток. Она вошла в кибитку старого лекаря и упала на пороге в изнеможении. Но бедной женщине даже не пришлось объяснять причину своего визита, знахарь знал наперед, какая беда привела в его жилище позднюю гостью.

Слова старца удивили женщину: «К сожалению, я не в силах вылечить твою дочь, да и никакие снадобья не властны над этим недугом, только ты сама сможешь ей помочь. Когда вернешься домой, сделай своими руками из овечьей шерсти самое теплое покрывало и укутай им дочь. Возможно, твои усилия и победят болезнь. Ступай же и принимайся за работу». С большой надеждой на скорое исцеление, женщина поспешила домой. Все соседи пришли на помощь, каждая семья, собрав всю шерсть, которая оставалась в кибитках, отдала ее на «лечебное» покрывало для девушки. Не теряя ни секунды мать принялась за работу. Она сваляла тонкое войлочное покрывало, но оно было таким плотным, что его тепло не оставило бы места холодной болезни, выложила на нем узор, красноречивей, чем слова говорящие о любви к дочери, о мечте видеть своего ребенка здоровым и счастливым. К раннему утру работа была завершена, уставшая мать укрыла больную дочь целебным войлочным покрывалом и в изнеможении склонилась ко сну, позабыв про истертые в кровь руки.

Но чудеса все-таки случаются на ✈



* Ugradylýan pul geçirimleri üçin tariflar 2014-nji ýylyň 20-nji maýyndan güýje girýär.
Western Union"ulgamy boýunça ugradýan geçirim üçin tölege goşmaça, eger ugradylan geçirimiň walýutasyndan tölenen walýutanyň kursy tapawut edýän ýagdaýynda kurs aratapawudyndan girdeji alynýar.
Pul iberilmek şu görkezilen şertlere bagly: tölegiň ýza süýşürilmegi, hyzmatlaryň görkezilip bilinmezligi mümkin: puluň möçberi, pul berilýän ýurt, walýutanyň barlygy, ulanylýan kanunçylygyň talaplary, müşderiniň şahsyýetini anyklamak, hyzmat ediş punktunyň iş düzgüni, wagt tapawudy, yza süýşürilen tölegi hyzmatyny saýlamak. Şeýle-de, başga çäklendirmeleriň ulanylmagy mümkin. Pul ibermek üçin formada görkezilen çäklendirmeler bilen tanşyň



• The wool is dyed ready to be made into felt rugs. • Ýüňleriň boýalyşy. • Процесс окрашивания шерсти.

✈ who had healed your daughter, your soul and awe of your loving heart, that you put into your work, became the best helpers in healing. Let the blanket which you have made remind you that love, devotion, solidarity and kindness will kill any disease and even death".

This legend was told to us by felt makers from Geoktepe in the vicinity of Ashgabat: Gulyalek Orazova, Soltan Yarapova, Ogulsadap Hezilova and Annadursun Amangeldieva; who are engaged in making felt patterned carpets in their free time.

Cultural importance

We have got used to felt carpets, known as Keche or koshma, being a permanent attribute of a Turkmen home since childhood. You can run barefoot on this warm felt carpet even in winter and it will keep warmth and prevent children from catching cold. People used to sleep on a felt carpet; the thinnest with beautiful patterns were used as blankets. The felt carpet saved shepherds from venomous insects for which woollen haircloth of a felt carpet became a compelling barrier. Its warmth helped in healing various diseases. Today all around the world felt carpets are valued mainly for their ornamental benefits but, in Turkmenistan, koshma still serves us as it has served our ancestors.

"Creating keche is a labour-intensive work, though it does not require a special loom like a woven carpet", Gulyalek Orazova says, "but preparation for making it requires great patience and a long time. You would have worked up seven sweats felting one keche, ✈

• **Right:** *Turkmen women prepare the wool ready to be made into felt for the rugs.* • **Sagdan:** *Keçe taýýarlaýjy zenanlar ýüň daramak, ýüň egirmek we pişgeleri süýmek işlerini ýerine ýetirýärler.* • **Справа:** *Мастерицы подготавливают шерсть для укладки в прерасный узор.*

✈ Eger-de, daşarda biriniň ardynjyraýan sesi eşidilmedik bolsa, eneli-gyz uzakly gijäni ýatman geçirmäge taýyn ekeni. Birdenem, gapydan goja tebip girýär. Gyzyň ejesi gojanyň nädip, öz obalaryna düşenine geň galýar. Çünki garrynyň öýünden yzyna howlugyp gaýdanda, oňa özüniň nirde ýaşaýandygyny aýtmaga-da ýetişmändi. Ol gojanyň aýagyna ýykylyp, gyzynyň sagalanlygy üçin oňa alkyş baryny okaýar. Emma, goja tebip onuň sözüni bölüp, şeýle diýýär: «Sen, näme, öz gyzyňy bejerendigiňe şindem ynanaňokmy? Keçä siňdiren arzuwyň, yhlasyň hem-de mähir-muhabbetiň gyzyň keselden gutulmagy üçin tapylgysyz derman boldy. Örtmengöl nagyşly keçe bolsa, goý, söýginiň, wepadarlygyň, jebisligiň, akgöwünliligiň islendik keseli, hatda ölümi-de ýeňip bilýändiginiň nyşany hökmünde ömürlik galsyn!»

Bu rowaýaty bize Aşgabadyň golaýynda ýerleşýän Gökdepe etrabynda ýaşaýan çeper elli zenanlar: Gülälek Orazowa, Soltan Ýarapowa, Ogulsadap Hezilowa, Annadursun Amangeldiýewa dagylar gürrüň berdi. Olar boş wagtlarynda nagyşly keçeleri taýýarlamak bilen meşgullanýarlar.

Medeni gymmatlyk

Keçe – biz türkmen öýleriniň hemişelik düşegi bolan bu öý goşuna çagalykdan beletdiris. Keçe tüýjümek, üpürjikli bolsa-da, öýüň içini örän ýyly saklaýar, hatda çagalar gyş aýlarynda onuň üstünde aýakýalaňaç gezseler-de sowuklamaýarlar. Adamlar keçeleriň üstünde ýatypdyrlar, olaryň has nepis, has ýukataplary ýorgan hökmünde ulanylypdyr. Keçe çopanlary zyýanly mör-möjeklerden, zäherli süýrenijilerden gorapdyr, çünki keçäniň ýüňden edilmegi, olaryň geçip bilmeýän päsgelçiligine öwrülipdir. Keçäniň ✈



✈ свете. Женщина проснулась от нежного прикосновения, открыв глаза, она увидела рядом с собой дочь. Девушка сидела подле матери, гладила тихонько ее по плечу и улыбалась. Отрада ее жизни была здорова и весела! Рисунок с покрывала точно воплотился в настоящую жизнь. Поток слез счастья и радости смыл и унес прочь прошлое горе. Мать и дочь обнялись и просидели бы так еще долго если бы у входа в кибитку не послышалось тихое покашливание. На пороге возник древний лекарь-отшельник. «Каким образом старец оказался в их селении», -подумала женщина, ведь она даже не успела сказать, где живет. Она бросилась к ногам старика, благодаря за благополучное выздоровление дочери. Но он остановил поток ее слов: «Неужели ты не поняла, что ты сама вылечила свою дочь, горение твоей души и трепет твоего любящего сердца, которые ты вложила в работу, стали лучшими помощниками в исцелении, а покрывало, которое ты изготовила, пусть будет напоминанием о том, что любовь, преданность, сплоченность, доброта победят любую болезнь и даже смерть».

Эту легенду рассказали нам мастерицы из городка Геоктепе, расположенного недалеко от Ашхабада: Гулялек Оразова, Солтан Ярапова, Огулсадап Хезилова, Аннадурсун Амангельдыева, которые в свое свободное время занимаются изготовлением узорного войлочного ковра.

Культурная ценность

Кече, кошма – мы с детства привыкли к этому постоянно-неизменному атрибуту туркменского дома. Теплый, слегка покалывающий жесткими шерстяными ✈



• There is a wide variety of colours that are used to dye the wool. • Ýüň boýalanda dürli-dürli reňkler peýdalanylýar. • Разнообразная палитра цветов используется для окраски шерсти.



• **Above:** *Coloured felt ready to be made into rugs.* • **Ýokarda:** *Daraskdan geçirilip dürli reňklere boýalan pişgeler we sümekler.* • **Выше:** *Окрашенный войлок.*

but this work gives us a great pleasure. That is why we put our hearts and strength into it and therefore, its pattern tells about our thoughts, dreams and good mood, so that it creates a special aura at home - it will keep the warmth of the home".

All pieces of art which are made by highly experienced craftswomen are not designated for sale. These four faithful women get together when somebody from their families needs a felt carpet. As Turkmen families are big, these craftswomen always have a lot of work. Usually these are festive events – a wedding, childbirth or a jubilee. For any Turkmen family a felt carpet remains one of the most desired presents. But when receiving a koshma as a gift, few people think about how it was made. We managed to see almost the whole process of making the felt, to participate in it and listen to craftswomen's exciting stories.

Making a felt carpet

Early in the morning these women get together in Soltan Yarapova's big yard. Clouds of sheep wool from the autumn cut, cleaned and dyed in different colours, are accurately placed. At first, highly skilled female hands brush the wool on a card comb to make

ýylysy dürli keselleri bejermäge kömek edýär. Ol guragyryly, bilagyryly adamlar üçin has-da peýdalydyr. Biziň döwrümizde bütin dünýäde örtmenhaly hasaplanýan keçelere, olaryň dekoratiw-bezeg artykmaçlyklary üçin ýokary baha berilýär, Türkmenistanda bolsa, keçe häli-häzirem, uzak geçmişde ata-babalara düşek bolup hyzmat edişi ýaly, iň zerur öý goşlarynyň biri bolmagynda galýar.

Keçäniň inçe tilsimlerinden baş çykarýan Gülälek Orazowa şeýle gürrüň berýär: «Keçäniň zähmeti köp, ýöne, ol el halylary ýaly ýörite stanogy– enjamy talap etmeýär. Onuň taýýarlyk işlerine köp wagt we köp zähmet sarp edilýär. Ýüňi ýuwup, darap bir keçe taýýarlaýançaň, ençeme gezek derlemeli bolýarsyň. Ýöne bu işleriň biziň üçin özboluşly hezilligi hem bar. Şeýle bolansoň, oňa ähli gujur-gaýratymyzy, yhlasymyzy siňdirýäris. Şonuň üçin, keçäniň nagyşlarynda biziň arzuwlarymyzyň, kalbymyzdaky päk niýetlerimiziň, şatlyk-begençlerimiziň waspy ýaňlanýar. Şonuň üçin keçe taýynlanyp jaýlaryň törüne düşelende, ol öýüň içini aýrybaşga ýylylyk bilen çoýýar mydama

ворсинками коврик, позволяет бегать по нему босиком даже зимой, надежно сохраняя тепло и ограждая детей от простуды. На кошме спали, а наиболее тонкими и красиво выделанными , укрывались, как одеялами. Она спасала чабанов от ядовитых насекомых, для которых шерстяная основа кошмы становилась непреодолимой преградой. Ее тепло помогало при лечении различных болезней. Сегодня во всем мире войлочные ковры ценятся главным образом за их декоративные достоинства, но в Туркменистане кошма продолжает верно служить нам, как когда-то в далекие времена служила нашим предкам.

«Создание кече трудоемкое дело, хотя и не требует специального станка, как тканый ковер, - говорит мастерица Гулялек Оразова, - но подготовка к производству требует большого терпения и длительного времени. Пока сваляешь одну кече, семь потов сойдет, но для нас эта работа в удовольствие, поэтому и вкладываешь в нее все силы, всю душу, поэтому и ее рисунок рассказывает о наших светлых мыслях, мечтах, хорошем настроении, чтобы уже готовая коче создавала особую ауру доброты в доме, тепло которого она будет хранить».

Все произведения искусства, которые выходят из-под рук умудренных многолетним жизненным опытом умелиц не для продажи. Эта верная четверка собирается на работу, когда кому-то из их семей требуется в дом кошма. А так как туркменские семьи большие, то и работы искусницам хватает. Обычно это торжественные случаи – свадьба, рождение ребенка, юбилей. Для любой туркменской семьи войлочный ковер остается одним из самых желанных подарков. Но получая кошму в подарок, немногие задумываются о ее производстве, нам же удалось

Keçe basylyşy

Ýokarda atlary agzalan aýallar säher bilen Soltan Yarapowanyň giň howlusyna ýygnanýarlar. Güýzde gyrkylyp, öňünden ýuwlup-arassalanan we dürli reňklere







• **Above:** *The felt is laid out in patterns on a reed mat, ready for rolling into the finished rug.* • **Ýokarda:** *Gamşyň üstünde keçäniň gülüniň salnyşy we çekmek üçin onuň gamşa dolanyşy.* • **Выше:** *Войлок укладывается в узор на камышовую циновку, которая затем сворачивается в рулон для последующего валяния.*



the fibre soft and fluffy. They then stretch and twist the fibres to the required width, length and configuration for the pattern. When the wool is prepared it is placed on a reed mat and the pattern is laid out. The women are going to give this koshma as a gift to their friend for her birthday; therefore the pattern will match the event. The pattern design is not required as it exists in the minds of the women; as if ancestors' memories live in each of them. Every woman quickly places her range of colours into a pattern filling the silent white woollen space with bright colours of the solar spectrum and soft dark green colour. This immediately made the koshma look joyful.

Now it is time to felt the pattern into a woollen basis; it may be of a light or dark colour. For this the women roll up the reed mat together with the wool into a compact roll and bind it with rope. They then roll it back and forth to each other for several hours, checking the felt condition from time to time. In order to make the work not so monotonous and tiresome, they encourage themselves with songs, jokes stories or legends, one of which we have heard. Loyalty to the ancestors' traditions is still living in the people's memory; therefore experienced craftswomen are especially happy when young people show interest in their work.

At last preliminary felting is finished and the women open the roll (the reed mat is no longer needed), and pour hot soapy water on the felt.

• **Above:** *Turkmen women prepare the wool in a wonderful pattern.* • **Ýokarda:** *Keçe taýýarlaýjy zenanlar ýüň daramak, ýüň eğirmek we pişgeleri süýmek işlerini ýerine ýetirýärler.* • **Выше:** *Мастерицы подготавливают шерсть для укладки в прекрасный узор.*

They straighten and stretch uneven edges and tightly roll up the felt again. Then, the skilful hands of the women continue rolling the hot roll for about an hour …

At the end of the day we saw the finished result. The felt carpet was "bursting in blossom"; it had become even brighter. The oriental patterns, ornamentation and the range of soft colours made a fantastic picture close to an abstract painting, but clear and understandable for every citizen of our country. A day of patient, diligent physical work, creative thinking and stamina – these are components of this masterpiece.

Turkmen folk wisdom proves to be right with a saying "beauty of hands is wandering around the world". From century to century, beautiful artistry by human hands is still living in the works of original national craftsmen; the picturesque palette of colours is still visible and an everburning flame of arts and crafts is burning brightly.

Alexandrina EVSTIGNEEVA

Photo by H. Magadov

boýalan goýun ýüňi aýry-aýry böleklere bölünip, rejelenip goýulýar. Elleriniň hereketi göze ilmeýän çalasyn zenanlar bu ýüňleri darakdan geçirýär. Olar daralyp pamyga dönen mymyk ýüňden geregiçe süýndürip, pişge ýasaýarlar. Süýümler doly taýynlanansoň, esasy işe girişilýär: ýere gamyş ýazylýar we onuň üstünde daşky ölçegleri boýunça geljekki keçäniň sudury çyzylýar. Täze keçäni öz goňşularynyň doglan gününe sowgat etmegi niýetlerine düwensoňlar, zenanlar şoňa laýyk, açyk reňkli nagyşlary saýlap alýarlar. Dogrusy, bu tejribeli zenanlara hiç hili nusganyň– eskiziň zerurlygy ýok. Çünki olaryň hakydasynda geçmişdäki çeper elli aýal-gyzlaryň döredip giden nusgalary hemişelik ýaşaýar. Türkmen keçeleri iki gatdan ybarat bolup, onuň nagyşly tarapy ýüzi hasap edilýär. Eli ýeňil zenanlar tizara keçäniň nagyşly gatyny taýyn edýärler, soňra, syçrap dogan Günüň neşterleri ýaly, täze düşege toý äheňini berýän nagyşlaryň üstüni tutuşlygyna ap-ak ýa-da başga doýgun reňkli ýüň bilen basyrýarlar. Bu eýýäm, keçäniň arkasynyň – ikinji gatynyň açyk röwüşde boljakdygyny aňladýar.

Beýleki ähli ownuk işler tamamlanansoň, keçäni gamşa dolamak galýar. Munuň üçin ýere ýazylan gamşy bir tarapyndan berk, dykyzlygyny gowşatman dolap başlaýarlar, soňundan gamşyň daşyndan ýüp bilen pugta daňýarlar. Bu işler bir ýüzli edilensoň, daşarda «keçe çekilýär», başgaça aýdylanda, dolangy gamşy birnäçe sagatlap ikiýana togalaýarlar. Wagtal-wagtal çekilýän keçäniň ýagdaýyny barlaýarlar we gamyş gurap ugranda, ony dikläp, üstünden seresaplylyk bilen gaýnan suw guýýarlar. Uzaga çekýän birsyhly işden ýadamaz ýaly zenanlar aýdym aýdyp, degşip-gülşüp ýa-da rowaýatlary aýdyp bir-biriniň göwnüni götermäge çalyşýarlar. Şol rowaýatlaryň birini eşitmek bize-de miýesser etdi we ony söhbetimiziň başynda siziň dykgatyňyza ýetiripdik. Geçen nesilleriň goýup giden däp-dessurlaryna wepalylyk halkyň hakydasynda şu günlere çenli ýaşap gelýär. Şonuň üçin hem, öz dowam edip gelýän senetlerine ýaşlar gyzyklanma bildirenlerinde, tejribeli zenanlaryň kalbyny begenç duýgusy gurşap alýar.

Ahyrsoňunda «keçe çekmek» bes edilýär we gamşy öýe salyp, onuň daňylaryny çözýärler, täzeden keçäniň üstünden gaýnan, sabynly suw guýýarlar, onuň gyralarynyň büdür--südür ýerlerini gaýçy bilen düzleýärler. Bu işlerden soň, başarjaň, ýadamazak zenan elleri gaýnan suwuň bugy kemsiz siňen, tüýjümek, üpürjikli keçäni gaýtadan berk dolap, basmaga başlaýarlar. «Keçe basmak» bir sagada golaý dowam edýär we işiň iň kyn hem-de jemleýji bölegi hasaplanýar.

Günüň ahyrynda biz bu günki çekilen zähmetiň miwesini gördük. Biziň öňümizde dürli öwüşginli sungat eseri ýazylyp ýatyrdy. Onuň nagyşlarynyň reňki indi has açylypdy, has ýagtylanypdy. Gündogar nagyşlary, inçelik bilen biri-birine utgaşyp gidýän reňkleriň çemeni biziň göz öňümizde absrakt şekillere meňzeş, ýöne biziň ýurdumyzyň her raýatyna düşnükli, köneden tanyş geň-taň suraty janlandyrýardy. Bu ajaýyp sungat eseri – bir günüň zähmetinden, zenanlaryň döredijilik ylhamyndan hem-de tutanýerliliginden döräpdi.

«El görki il gezer» diýlen nakyly döredip, türkmen halky milli senetkärleriň hyzmatyna ýokary baha beripdir. Adam eliniň döreden gözelligi özboluşly milli senetkärleriň sungatynda asyrlardan-asyrlara geçip, dowam edip gelýär. Reňkleriň çemeni gadymy döwürlerdäki ýaly ajaýyp şöhlesini saçýar, halk döredijiliginiň öçmejek ody öňküsi ýaly belentde alawlaýar.

Aleksandrina Ýewstigneýewa

Suratlary H. Magadowyňky





An example of Turkmen felt rugs. Türkmen keçesi. Туркменский войлочный ковер – кошма.



An example of Turkmen felt rugs. Türkmen keçesi. Туркменский войлочный ковер – кошма.

увидеть почти весь производственный процесс, поучаствовать в нем и послушать увлекательные рассказы мастериц.

Изготовление войлочного ковра

С раннего утра вся четверка концентрируется в большом дворе Солтан Ярановой. Облака овечьей шерсти осенней стрижки, заранее вычищенные от сорных примесей и выкрашенные в разные цвета, аккуратно разложены по своим местам. Сначала ловкие женские руки каждый моточек шерсти расчесывают на чесальном гребне, чтобы волокно стало мягким и пушистым как вата, затем вытягивают из него слабо скрученные жгуты нужной ширины, длины и конфигурации для рисунка. Когда разобрана шерсть и приготовлены полуфабрикаты, можно приступать к выкладыванию основы на камышовую циновку, а затем и рисунка. Эту кошму женщины собираются подарить на день рождения своей подруге, соседке, поэтому и рисунок кошмы будет соответствовать торжеству. Кстати, эскиз рисунка мастерицам не требуется, (хотя он, конечно, есть, ведь работают группой) словно память предков живет в каждой из этих трудолюбивых женщин. Быстрыми движениями каждая из мастериц разложила свою цветовую гамму в орнамент, заполнив только что безмолвное белоснежное шерстяное пространство яркими красками солнечного спектра, приглушенными тонами темной зелени, сразу придав будущей кошме радостное звучание.

Ну, а теперь остается вваливать узор в шерстяную основу, она может быть светлого или темного цвета. Для этого закатывают камышовую циновку вместе с выложенной на ней шерстью в плотный рулон, перевязывают веревкой и перекатывают друг к другу несколько часов, периодически проверяя состояние войлока. Чтобы монотонная работа не утомляла, женщины подбадривают друг друга песнями, шутками, рассказами или легендами, одну из которых и довелось нам услышать. Словом, верность традициям предков до сих пор живет в памяти народа, поэтому опытные мастерицы особо рады когда к их искусству проявляет интерес молодежь.

Вот, наконец закончена предварительная валка, раскрывают рулон (больше камышовая циновка не потребуется), поливают войлок горячей мыльной водой, расправляют и вытягивают неровные края, снова туго сворачивают войлок в рулон и умелые женские руки продолжают катать колючую, теперь уже дышащую горячим паром скатку примерно час…

Под конец дня мы увидели готовый результат. Перед нами расцвел ковер, он стал еще ярче, восточная узорность, декоративность и цветовая палитра мягких акварельных переливов представили сказочную картину, близкую к абстрактной живописи, но понятную и ясную для каждого жителя нашей страны. День терпеливого, физического труда, творческого мышления и выносливости – вот слагающие нынешнего шедевра.

Народная туркменская мудрость как всегда права, создав пословицу «красота рук по свету ходит». Из века в век продолжает жить красота рук человеческих в произведениях самобытных национальных умельцев, так же звонко звучит колоритная палитра красок и так же ярко горит неугасимый пламень народного творчества.

Александрина ЕВСТИГНЕЕВА

«НТ» Фото Х.Магадова



Baursaki

These doughnuts, which can be enjoyed as a sweet or savoury dish, are a favourite in Kazakhstan! Lachyn Magazine shares the recipe

Kazaks love having guests and are generous in their hospitality. There is a saying, "Kazaks' hearts are like the steppes — wide, kind and generous." Regardless of the hour of arrival of the guests, Kazak women will immediately set to work to prepare a "dastarkhan" — a table full of food. Each guest must sit down and have tea, which includes bread, fruits and nuts, cookies and sweets. One of those sweets is Baursaki.

Baursaki are both a festive and an everyday food that is liked by many and has been enjoyed for generations – with the recipe passing down from mother to daughter. The name of Baursaki originates from Kazakh words meaning 'aspiration to unity, kinship and brotherhood'.

There are different ways of enjoying Baursaki. Traditionally the dough balls would have been fried in lamb fat and eaten with 'chorpa' – a savoury broth. They can also be made in a variety of shapes including squares and triangles, but round balls seem to be a favourite.

RECIPE
Makes 12-15 doughnuts

INGREDIENTS:
4 cups flour
2 Tablespoons yeast
½ cup water
½ cup milk
2 eggs
2 Tablespoons butter or margarine
1½ Tablespoons sugar
2 cups vegetable oil
½ teaspoon salt

1. Combine all ingredients into a large mixing bowl to form the dough.
2. Knead the dough on a floured surface and then return to mixing bowl.
3. Cover with a towel and let sit for 30 minutes for the dough to rise. Heat oil in deep skillet over high heat.
4. Pull off small pieces of the dough and roll into a ball. Leave for 5 minutes to allow them to rise a little.
5. Carefully drop the balls into oil and fry, being careful to turn them so that they brown evenly.
6. Once golden brown gently remove the dough balls and place them on a paper towel to absorb the excess oil.
7. Sprinkle with sugar and enjoy with tea, or serve them with a steaming bowl of beef broth.





BOGURSAK
– GAZAK PIŞMESI

Süýji ýa-da duzy ýetirilen bogursak, ýagny ýaga gowrulan pişmeler Gazagystanda iň lezzetli nygmatlaryň biri hasaplanýar. «Laçyn» žurnaly sizi bogursagyň taýýalanyşynyň usuly bilen tanyşdyrýar

Gazaklar diýseň myhmansöýer halk we özleriniň bereketli saçaklarynyň başynda myhmanlary güler ýüz bilen garşy alýarlar. Il içinde giňden ýaýran şeýle bir nakyl bar: «Gazagyň kalby sähra ýaly – giň, açyk hem-de sahy». Myhmanlaryň haçan, näwagt gelýändigine garamazdan gazak zenanlary dessine orta «destarhan» ýazýarlar we saçagyň üstüni dürli nazy-nygmatlardan doldurýarlar. Gapydan gelen adamlaryň her biriniň öýe girip dyz epmegi, çaý içip, çöregiň duzuny datmagy myhmansöýerligiň ýazylmadyk kanunydyr. Şeýle hem köneden gelýän däbe görä olara saçakda goýlan ir-iýmişler, hozlar, süýji-kökeler we beýleki tagamly lezzetler hödürlenilýär.

Bogursak – bu baýramçylyk hem-de adaty günlerde taýýarlanýan nygmatdyr, çünki köpler onuň süýji tagamyndan ýatdan çykmajak lezzet alýarlar. Şonuň üçin hem bogursagy taýýarlamagyň usuly eneden-gyza geçip, nesilme-nesil dowam etdirilýär. Aslynda, «baursak» sözi gazak dilinde «agzybirlige, garyndaşlyga we doganlyga ymtylmagy» añladýar.

Bu nygmatdan her kim özüçe lezzet alýar, Adatça, onuň ilki hamyryny ýugurýarlar we soňra gazanda goýun ýagyna gowurýarlar-da çorbanyň gapdaly bilen saçaga äberýärler. Bogursagyň dürli –dörtgyraň, üçgyraň görnüşleri bolýar, ýöne, köplenç, onuň togalak görnüşi has gowy görülýär we halkyň içinde giňden ýaýrandyr.

BOGURSAGY TAÝÝARLAMAGYŇ USULY.
Bogursagyň 12 – 15 sanysyny taýýarlamak üçin

GEREKLI ZATLAR:
4 okara un
2 nahar çemçesi gury hamyrmaýa
½ okara suw
⅓ okara süýt
2 ýumurtga
Bir ýarym nahar çemçesi şeker tozy
2 okara ösümlik ýagy
½ çaý çemçesi duz

1. Bu sanalan zatlaryň hemmesini bir jama salyňda bir-birine gowy alşar ýaly garyň.
2. Soňra tagta gapagyň üstüne un sepiňde hamyry ýumrugyňyz bilen synçgalap mazaly eýläň we ony ýene-de jama salyp goýuň.
3. Hamyr alyp, çişýänçä onuň üstüni galyň mata bilen ýapyp goýmaly. Hamyr alýança çuňrak gazanda (ýa-da tabada) ýagy ýakyp taýýarlaň.
4. Soňra gapagyň üstünde oklaw bilen taýyn hamyry ýaryň we öz isleginize görä dürli: dörtgyraň, üçgyraň görnüşlerde kesiň ýa-da aýaňyzda togalaň. Taýyn bogursaklary gazana atman, 5 minut çemesi saklaň.
5. Soňra bogursaklary seresaplylyk bilen gyzyp duran gazana atyň we olar gyradeň bişer ýaly kepgir bilen yzygiderli eýlesine-beýlesine agdaryp duruň.
6. Bogursaklar birkemsiz gyzaryp bişensoň olary gazandan alyňda tagta gapagyň üstüne çykaryň, ýöne bogursagyň artykmaç ýagy siňer ýaly ilki gapagyň üstüne sorujy kagyzlary ýazyň. Taýyn bogursagyň üstüne şeker tozuny sepmegi unutmaň. Bogursagy özbaşyna çaý bilen iýseňizem ýa-da etli çorbanyň gapdaly bilen äberseňizem bolar.

Баурсаки

Эти сладкие или соленые пончики, которые созданы для того, чтобы ими наслаждаться, – одно из любимых лакомств в Казахстане! Журнал «Lachyn» делится с вами рецептом их приготовления

Казахи любят гостей, и они очень щедры в своем гостеприимстве. Существует такая поговорка: «Сердца казахов как степь – широкие, добрые и щедрые». Независимо от того, в какое время суток прибыли гости, казахские женщины сразу же начнут готовить «дастархан» – стол с угощением. Каждый гость должен выпить чаю с хлебом, фруктами, орехами, печеньем и сладостями. Одним из видов таких сладостей являются баурсаки.

Баурсаки – это и праздничное, и повседневное блюдо, которое любят, и которым наслаждаются многие поколения казахов – рецепт передается от матери к дочери. Название «баурсаки» происходит от казахских слов, означающих «стремление к единству, родству и братству».

Можно по-разному получать удовольствие от этого блюда. Баурсаки употребляют как отдельно, так и в сочетании с другими яствами. Традиционно шарики из теста жарят в бараньем жире и едят с шурпой ('chorpa') – соленым супом. Баурсакам также можно придать различную форму, сделав их квадратными и треугольными, но самыми любимыми являются круглые шарики.

РЕЦЕПТ
Для приготовления 12-15 баурсаков

ИНГРЕДИЕНТЫ:
4 чашки муки
2 столовые ложки дрожжей
½ чашки воды
⅓ чашки молока
2 яйца
2 столовые ложки сливочного масла или маргарина
1⅓ столовые ложки сахара
2 чашки растительного масла
½ чайной ложки соли

1. Смешайте все ингредиенты в большой миске, чтобы сделать тесто.
2. Замесите тесто на доске, посыпанной мукой, а затем положите его в миску.
3. Накройте тесто полотенцем и оставьте его на 30 минут, чтобы тесто поднялось. Раскалите растительное масло в глубоком казане, или кастрюле.
4. Скатайте небольшие кусочки теста в шарики. Оставьте их на 5 минут, чтобы тесто немного поднялось.
5. Осторожно опустите шарики в масло и жарьте, переворачивая их, чтобы шарики одинаково поджарились со всех сторон.
6. Как только баурсаки подрумянятся, извлеките их из казана и поместите на доску, покрытую бумажным полотенцем, чтобы удалить излишки масла.
7. Посыпьте баурсаки сахаром и ешьте их вместе с чаем, или подайте к мясному говяжьему бульону.



© MilanMarkovic78

Живи активно вместе с Galaxy S5 и Gear Fit!
Galaxy S5 – это первый смартфон, оснащенный встроенным датчиком сердечного ритма.
Теперь можно замерять сердечный ритм когда угодно,
чтобы контролировать состояние вашего здоровья.
Gear Fit имеет систему постоянного слежения за физической нагрузкой.
Система отслеживает все движения пользователя в круглосуточном режиме.
Будь в гармонии со своим телом.
Энергия моей жизни
Samsung GALAXY S5
SAMSUNG
92 bpm
Measuring...
Stop
Gear Fit

Dutar – Soul of Turkmen

Dutar, meaning "two strings", is an integral part of the musical culture of Turkmenistan. No celebration, whether it be a wedding or a public holiday, is complete without performances from local musicians – bahshy





For centuries bahshies have always enjoyed worship and respect among people and their names become legendary. Bahshies themselves have always treated their dutars with great care and respect, keeping them in special cases of soft fabric and never lending them to anyone. A true story concerning the famous dutar-player, Shukur-bahshy, is well known in Turkmenistan. The unrivaled musician stopped an approaching bloody battle with warriors from the neighbouring country with his art of playing the dutar.

Craftsmen who make dutars – "ustas" – share deserved fame with bahshies. "Ustas" also enjoyed worship, their work was valued – a highbred horse could be given for a good dutar. Dutar craftsmen' have descended from generation to generation and today, bahshies can name "ustas" who lived and made wonderful instruments hundreds of years ago.

In principle, dutars can be made from any wood, but its service life and the quality of sound will be totally different. In order to make a good dutar you need good wood - Mulberry tree is the best for making a dutar. A dutar made of mulberry wood is light and strong, with beautiful texture and beautiful resonant properties. No other wood can give such rich inimitable sound. Mulberry must be no less than fifty years old - the wood, as a human being, becomes wiser with the years, stronger, more beautiful and nobler.

It is better to prepare the wood for a future instrument in autumn when the leaf fall is over. At this time the tree dries, wood resin becomes white and spreads evenly into the mulberry. The chosen tree is cut into blocks, which are then dug into the ground. There they must be kept for about a year to come to the required state and get soaked with the 'blood of earth'. If you start working with the material immediately, then it will lead to the dutar's deformation and distortion of instrument speech. When the time comes, the craftsman retrieves the blocks, cuts them, dries them and only then will he start making the instrument.

Fitting the details requires accuracy and precise calculation. The thickness of the

Dutar – türkmeniň kalby

Dutar – parsça «iki kiriş» diýmegi aňladýar we bu saz guraly türkmen halkynyň birnäçe asyrlardan bäri nesilden-nesle geçip gelýän saz medeniýetiniň aýrylmaz bölegidir. Toý bolsun ýa-da döwlet derejesindäki baýramçylyk bolsun, tapawudy ýok, köpçüligiň üýşýän dabaraly ýygnanyşyklarynyň hiç biri halk aýdym-sazlaryny ýerine ýetirýän bagşy-sazandasyz geçmeýär

Ähli döwürlerde-de bagşylar halkyň içinde uly abraýdan we hormatdan peýdalanypdyrlar. Olaryň atlary rowaýata öwrülip gidenleri hem bar. Bagşy-sazandalar öz senetleriniň sarpasyny örän belent tutupdyrlar. Dutary gözleriniň göreji dek aýapdyrlar, ýumşak matalardan ýörite tikilen ýa-da keçe, halyça daşlyklarda ynjytman saklapdyrlar. Şeýle-de saz guralynyň eýesi ony hiç kime ulanmaga bermändir. Türkmenistanda Şükür bagşynyň başyndan geçen taryhy wakany hemmeler diýen ýaly bilýär. Ussatlykda deňi-taýy bolmadyk sazanda öz sungatynyň kömegi bilen gandöküşikli söweşiň öňüni alyp, ýat illere ýesir düşen agasyny azat edýär.

Bagşylaryň iliň içindäki şan-şöhratyny dutar ýasaýan ussalaryň deň paýlaşmaga doly haky bar. Kärine ökde dutar ussalaryna goýulýan sylag-hormat hem bagşy-sazandalaryňkydan kem däldir. Olaryň zähmetine örän ýokary baha berlipdir, owazy belent dutaryň bedew ata deňelen wagtlary hem bolupdyr. Dutar ýasamak däbi ussalaryň nebereleriniň arasynda nesilden-nesle geçip gelýär. Bagşylar biziň şu günlerimizde-de mundan ýüz, hatda ondan hem köp ýyllar öň ajaýyp saz gurallaryny ýasan ussalaryň atlaryny ýatlaýarlar.

Hakykatdan hem islendik daragtdan dutar ýasamak mümkin, ýöne onuň owazy we berkliginiň hili düýbünden dürli-dürli bolýar. Gowy dutary ýasamak üçin öňi bilen gowy daragty saýlap almak hökmandyr. Bu



Дутар - душа туркмен

Дутар, что дословно означает «две струны», – неотъемлемая часть многовековой музыкальной культуры туркменского народа. Ни одно торжество – будь то свадьба или государственный праздник, не обходится без выступлений народных исполнителей – бахши

Во все века бахши пользовались в народе почётом и уважением. Их имена обрастали легендами. Сами же бахши с величайшей заботой, трепетно относились к своему дутару. Дутар берегли как зеницу ока, хранили в специальных футлярах из мягкой материи и никому никогда не одалживали. В Туркменистане знают подлинный случай, происшедший со знаменитым дутаристом Шукур-бахши. Непревзойдённый музыкант своим искусством игры на дутаре остановил надвигающуюся кровопролитную схватку с воинами соседней страны.

Заслуженную славу бахши по праву могут разделить мастера по изготовлению дутаров – уста. Уста пользовались не меньшим почётом, их работа очень ценилась – за хороший дутар давали породистого коня. Ремесло дутарных дел мастеров передавалось по наследству, из поколения в поколение. И сегодня бахши могут назвать уста, которые жили и делали прекрасные инструменты сто и более лет назад.

В принципе, дутар можно сотворить из любого дерева, но время его службы и качество звука будут совершенно разные. Чтобы сделать хороший дутар, нужно, прежде всего, хорошее дерево. Лучше всего для этого подходит тутовое дерево. Дутар из него получается лёгкий, прочный с красивой текстурой и прекрасными резонансными способностями. Ни одно другое дерево не даёт такого сочного, неповторимого звука. При этом

body frame and the lid of the dutar must not exceed a certain size; otherwise there will not be the required instrument speech. Today, craftsmen use precision measuring instruments but some experienced "ustas" use only a ruler, as their ancestors had done, relying on the precision of their eye. Experienced hands hollow the dutar body out of a block with a chopper, sharp as a blade. This subtle work dazzles and your eyes are glued on work taking place.

Remaining materials are prepared for future use and can be stored for decades. With time they become dark, almost black. But with the change in colour, the quality of wood becomes more valuable. Turkmen "ustas" traditionally do not use colourants or lacquers. There is no need to adorn an instrument which is beautiful by itself – everything must be natural as life itself.

After the wooden parts are fitted together, there is time for a final, very important operation – adjusting the strings. It should be noted that strings are the only purchased parts for the dutar – all the rest is hand work. Craftsmen even prefer to cast metal pegs for chording strings themselves. The instruments which professional "ustas" use are in most cases, hand-made.

Now the time has come to check the sound. If the craftsman is not satisfied with it, he removes the strings and polishes the instrument body with a miniature bench plane until the dutar produces the required pitch and clearness of sound. To achieve this, a "usta" must possess not only an outstanding ear for music but also be an excellent musician.

It seems that dutars look very much alike, as if twins, but it is only at an unprofessional glance. A professional will recognise his instrument out of thousands because each "usta" has his own pattern. Turkmen craftsmen have never put an identity mark on their







senet üçin iň gowy material tut agajydyr. Ondan ýasalan dutar ýeňil, berk hem-de owadan bolýar, onuň owazy şirin, belent ýaňlanýar. Başga hiç bir daragtdan tuduňky ýaly gulaga hoş ýakýan owaz çykmaýar. Agajyň ýaşy dutaryň hiline diýseň uly täsir edýär. Şonuň üçin hem saz guraly üçin niýetlenýän agaç pesinden mundan elli ýyl öň ekilen bolmalydyr. Tut agajy hem edil adamlar ýaly, ýyl geçdigiçe berkeýär, şahalaryna güýç ýygnaýar we gojalýar, tomsuň yssysyny, gyşyň aňzak sowugyny süňňüne pugta siňdirýär.

Dutar ýasamak üçin iň amatly wagt baglaryň ýapragynyň dökülýän güýz aýlarydyr. Daragtyň sütünleri kökden nem almasyny kesýär, onuň şahalaryndan syzlyp çykýan şepbigi has durlanýar we agaryýar.

Kesilen agajyň töňňeleri ýere gömülýär we olar ýeriň aşagynda bir ýyla golaý saklanýar. Şu möhletiň içinde agaç toprakdan mazaly yzgar alýar. Eger-de bagy kesäge-de ondan şobada dutar ýasap başlasaň, onuň hili pes bolýar, tizara dutaryň kädisi çyzyk atýar ýa-da jaýrylyp ugraýar. Gowy guramadyk töňňeden ýasalan saz guralynyň sesi dury çykmaýar, tutuksy eşidilýär. Şonuň üçin hem diňe öz mütdedi ýetende ussa gömlen töňňeleri ýerden gazyp çykarýar, olaryň inini we boýuny ölçäp görýär hem-de dutaryň kädisi we sapy üçin saýlap alýar. Ussa diňe töňňeleriň birkemsiz guranlygyna göz ýetirensoň täze saz guralyny ýasamaga girişýär.

Dutaryň esasy böleklerini taýýarlamak işi örän takyklygy talap edýär. Dutaryň kädisiniň we onuň gapagynyň galyňlygy kesgitli bir ölçeglere doly gabat gelmelidir, ýogsa, onuň sesi tutuk ýa-da güňleç çykýar. Biziň günlermizde dutarçy ussalar häzirki zamanyň takyk ölçeýji abzallaryndan peýdalanýarlar. Ýöne olaryň arasynda käbirleri, öz köpýyllyk tejribesine daýanyp, gadymy ussalaryňky dek adaty ölçeg taýajyklaryny ulanýarlar. Galan işlerde göz çeninden ugur almaly bolýar. Kärine ökde ussalar päki ýaly ýiti teşeleri ezber ulanyp, kädiniň içini gazaýarlar we ony geregiçe ýukalaýarlar. Bu iş ussadan şeýle bir türgenligi talap edýär weli, ol eli teşeli, rendeli ownuk işleri ýerine ýetirýäkä ussadyň çalasyn hereketlerinden gözüňi hem aýryp bolmaýar.

Taýýarlyk işleri bir dutary däl-de, olaryň birnäçesini ýasamagy göz öňünde tutýar. Şonuň üçin hem olary onlarça ýyllap saklaýarlar, wagtyň geçmegi bilen olar başky reňkini ýitirip, solup, garalyp gidýärler. Ýöne, daşky reňki üýtgese-de, agajyň berkligi üýtgemeýär, gaýta, gitdigiçe has pugtalanýar. Türkmen ussalary, adatça, saz guralynyň daşyny reňklemeýärler, oňa lak çalmaýarlar. Çünki ne boýag, ne-de syrça—lak dutaryň owazyna, hiline peýda bermeýär. Onsaňam öz-özünden şeýle owadan guraly artykmaç owadanlajak bolmagyň geregi bir barmyka? Herki zat durmuşyň özi dek tebigy, adaty bolsa ýagşy! Şeýdip sünnälenip ýasalan dutar edil janly adam dek ýylsaýy kämilleşýär, ýaňy gitdigiçe güýçlenýär. Ýöne bu üýtgeşikliğiň ýekeje tapawudy bar: geçip gidýän ýyllar adamlaryň gara saçyny agardýar, gazma dutarlaryň başky ak reňkini – garaldýar.

Dutaryň kädisi hem-de sapy bir-biri bilen jebis birleşdirilensoň iň soňky iş galýar. Emma bu jemleýji iş, ýagny täze dutara kiriş dakmak – iň jogapkärli iş hasaplanýar. Kirişleriň dutaryň daşyndan satyn alynýan ýeke-täk serişdesidigini bellemek hökmandyr. Galan zatlaryň ählisi –dutaryň gulagyna çenli ussanyň öz elinden gelýär. Şeýle hem bu ajaýyp saz guralyny döretmekde peýdalanylýan neçjarlyk abzallarynyň hemmesi diýen ýaly ussalaryň ýerli çig mallardan öz elleri bilen ýasan zähmet gurallarydyr.

Ynha-da, täze dutaryň sesini barlamagyň mütdeti gelip ýetýär. Eger-de dutaryň owazyna ussanyň göwni ýetmese, ol ýene-de eline kinniwanja rendesini alýarda, öz ýanyndan täze saz guralynyň kem-käs hasaplaýan ýerlerini yhlas bilen syntgalap çykýar, ol dury hem-de labyzly ses çykaryança endigan ýylmap, sünnäleýär. Elbetde, dutaryň owazynyň belent derejede ýaňlanmasyny gazanmak üçin ussanyň özüniň hem sazdan başynyň çykmagy gerekdir.

Öz wagtynda Türkmenistanda dutar ýasalýan ýörite kärhanalar hem döredilipdi. Ýöne bu kärhanalarda ýasalan dutarlar halk arasynda kän bir ýörgünli bolmandy. Çünki olar medeniýet öýleri, aýdym-saz toparlary tarapyndan satyn alynsa-da diňleýjileriň söýgüsini gazanyp bilmändiler. Şol sebäpli hem halk içinde kärhanada taýýnlanan



большое значение имеет возраст дерева. Тутовнику должно быть не менее пятидесяти лет. Дерево, как и человек, мудреет с годами, становится крепче, красивее, благороднее.

Заготавливать основу для будущего инструмента лучше всего осенью, когда заканчивается листопад. Дерево тогда подсыхает, древесная смола становится белой и равномерно растекается по все ткани тутовника. Выбранное дерево разрезается на чурбаки, которые закапывают в землю, где они должны пролежать примерно год, чтобы дойти до кондиции, пропитаться соками земли. Если приступить к работе с материалом сразу, то впоследствии это приведёт к деформации дутара и искажению звучания. Когда приходит срок, мастер достаёт чурбаки, распускает их на заготовки, даёт хорошенько просохнуть и только потом начинается сборка инструмента.

Подгонка деталей требует аккуратности и точного расчёта. Толщина корпуса и крышки дутара не должна превышать определённого размера, иначе не будет нужного звучания. Сегодня мастера дутарных дел пользуются для расчётов точными измерительными приборами, но некоторые уста с многолетним опытом, используют, как и их предки, разве что обычную линейку. В остальном полагаются на точность глаза. Опытные руки, выдалбливая из чурбака корпус дутара острой, как бритва, тяпочкой, привычно отхватывают ровно столько щепы, сколько нужно. Ни больше, ни меньше. Эта ювелирная работа настолько завораживает, что ею можно любоваться, не отрывая взгляда.

Заготовки делаются не для изготовления одного дутара, а впрок. Они могут храниться десятилетиями. Со временем они становятся тёмными, почти чёрными. Но изменяя цвет, качество дерева становится всё ценнее. Туркменские уста традиционно не пользуются ни красителями, ни лаком. Они не придают дутару ни лучшего звучания, ни особой красоты. Да и зачем дополнительно украшать то, что само по себе красиво. Всё должно быть

musical instruments — it is not necessary if a bahshy can easily identify, by the sound quality of the instrument, who has created it.

A non-professional may think that this musical instrument is primitive with no floridity, no artistic decorations, but it is a seeming outward simplicity. Severity and harmony of a dutar represents high art. A musician must be very professional in order to deliver melodies of his soul with only two strings! If you listen to a dutar being played, you may feel the heat of hot Turkmen sun, catch the sound of rivers and the play of the waves of the ancient Hazar – the Caspian Sea, hear birds' cawk over vast desert, see the eyes of lovers and hear their language which only these two understand.

The interest to the art of bahshi in Turkmenistan has always existed, and now it is on the rise – much attention is given to the development of arts and crafts in the country.

Vladimir Zarembo

gurallar «panar dutar» diýen at alypdy. Olaryň sesi ne gulaga, ne-de ýürege lezzet berýärdi. Dogry, sazandalaryň, ylaýta-da ýaşlaryň içinde elektrik abzallarynyň kömegi bilen dutaryň sesini has güýçlendirmäge synanyşyk edenleri hem tapylypdy. Emma bu synanyşyklar uzaga çekmän, kärhanalaryň stanogynda emeli faneradan ýasalan dutarlar ýaly öz-özünden ýatyp galypdy. Diýmek, gadymy senet elektrik togunyň astynda ýañlanmak islemedik borludy... Hakyky gazma dutaryň ýasalyşynyň däbi bilen olary kärhanalarda köpçülikleýin, kütt-kütläp çykarmak bir ýere sygmaýar. Olaryň her biri ussanyň kalbynyň hyjuwyndan döreýär. Ussa öz ýasaýan senedine ýüreginiň gürsüldisini, ruhunyň egsilmez güýjüni goşýar we diňe şeýle päk niýetli yhlasyň gudratyndan ýansyz daragta dil bitýär.

Daşyndan seretseň dutarlaryň hemmesi biri-birine meňzeş ýaly görünýär. Elbetde, bu diňe kesesinden synlanyňda şeýle. Dutary ýasan ussa bir-birine meňzeş müňlerçe dutaryň içinden öz ýasanyny bada-bat tapawutlandyrýar. Çünki her bir dutar ýasaýan ussanyň öz aýratynlygy bolýar. Gadymy türkmen ussalary elinden çykan saz gurallaryna öz hususy belliklerini ýa-da başga hili tapawutlandyryjy nyşanlary goýmandyrlar. Munuň zerurlygy hem bolmandyr, çünki bagşy-sazandalar ellerindäki guralyň owazyndan, syntgylanyşyndan ony haýsy ussanyň ýasandygyny şek-şübhesiz tanapdyrlar.



Sazdan başy çykmaýan adamlara bu milli saz guralynyň örän ýönekeý görünmegi hem mümkindir: hakykatdan hem onuň hiç hili çylşyrymlylygy, haýran galdyryjy çeper bezegi ýok. Emma dutar diňe daşyndan şeýle ýönekeý görünýär. Onuň deňölçegliligi, perdeleriniň, kädisiniň hem-de sapynyň takyk ýerleşişi, sadadan hem-de tebigylygyndan gelen owadanlygy sungatyň iň kämil derejesine ýetirilendir. Eýse, öz kalbynyň owazyny diňe iki kirşiň üsti bilen köpçülige ýetirmek üçin sazandadan añrybaş ussatlyk talap edilmeýärmi näme? Eýse, dutaryň sesine diň salsaň, türkmen ülkesiniň yssy güneşiniň howry duýulmaýarmy?

Dutaryň joşgunly owazyna dykgat bilen üns berseň dag çeşmeleriniň we goja Hazaryň mawy tolkunlarynyň şaggyldysyny, uç-gyraksyz düňle çölüň guşlarynyň jürküldisini, bilbilleriň saýraýşyny eşitmek, aşyk-magşuklaryň mähirden doly gözlerini görmek hem-de diňe olaryň ikisine aýan söýgi sözleriniň pynhanlygyna düşünmek mümkindir.

Türkmenistanda bagşy-sazandalaryň sungatyna goýulýan belent sarpa hiç haçan peselmändi, häzirki döwürde bolsa olaryň senediniň hormaty has-da asmana galýar. Ýurtda halk döredijiligini mundan beýläk hem ösdürmeklige diýseň uly üns berilýär.

Wladimir Zarembo

естественным, натуральным, как сама жизнь. С годами дутар меняется, как и человек. С той лишь разницей, что время людей выбеливает сединой, а дутары – темнеют.

После того, как деревянные части идеально пригнаны друг к другу, остаётся последняя, не менее ответственная операция – прилаживание струн. Надо отметить, что струны, пожалуй, единственные покупные детали для дутара. Всё остальное – ручная работа. Даже металлические колки, на которые натягиваются струны, мастера предпочитают отливать сами. Кстати, и сами инструменты, которыми пользуются профессиональные уста, в большинстве своём самодельные.

И вот настало время проверки звучания. Если оно мастера не устраивает, он снимает её и шлифует миниатюрным рубанком до тех пор, пока дутар не издаст звуки нужной высоты и чистоты. Чтобы добиться этого, уста должен обладать не только исключительным музыкальным слухом, но и быть отменным музыкантом.

Одно время в Туркменистане существовали артели по изготовлению дутаров. Но успехом эти инструменты не пользовались. Играть-то на них можно было, а вот слух воспринимал звуки с трудом. И, конечно, до души, до сердца они не доходили. Были попытки, в основном у молодых исполнителей, усилить звучание дутара электроначинкой. Вскоре от этой идеи отказались. Видимо, не желает дутар звучать под током. Настоящий дутар не терпит суеты, его рождение – исключительно штучная работа. И оживает он тогда, когда начинает в нём биться сердце мастера.

Казалось бы, все дутары похожи друг на друга, как близнецы. Но это только на непросвящённый взгляд. Профессионал узнает свой инструмент из тысячи похожих, ведь у каждого уста свой почерк. Туркменские мастера никогда не ставили на своих изделиях личное клеймо, или другой отличительный знак. Зачем, если по звучанию инструмента, по добротности работы исполнитель-бахши без труда может определить, кем создан дутар.

Несведущему человеку может показаться, что этот музыкальный инструмент бесхитростен до примитива: никакой вычурности, никаких художественных изысков и декоративных украшений. Однако внешняя простота кажущаяся. Строгость и стройность линий дутара доведена до высокого искусства. А каким мастерством нужно обладать музыканту, чтобы с помощью всего двух струн передать мелодии своей души! Если вслушаться в звучание дутара, то можно ощутить жар горячего туркменского солнца, уловить многоголосье горных речек и плеск волн древнего Хазара – Каспия, услышать крик птиц над безбрежной пустыней, увидеть глаза влюблённых и услышать их язык, который понимают только они двое.

Интерес к искусству бахши в Туркменистане не пропадал никогда, а сейчас он и вовсе на подъёме – развитию народного творчества в стране уделяется большое внимание.

Владимир Зарембо

Yelken Yacht Club: *Business and Pleasure*

Yacht club Yelken opens its opportunities for productive and efficient work offering unique conditions with the combination of nature, business spirit and aspiration for perfection

As the morning sun rises on the Caspian seashore at "Avaza", not only is a new day beginning but Yelken Yacht Club continues to make rest and work in "Avaza" more comfortable, exciting and diverse.

Yelken is located on the territory of 40 hectares which includes 20 hectares of green belt, two artificial lakes, villas and hotel rooms which nestle within the landscape. All of this encourages business people for effective work and the club provides opportunities for renting both for a short and long term. All this stretches along Yelken's one kilometre coast line with conducible conditions for rest and sport after a productive working day. Life in Yelken is exciting and entertaining; the club offers its guests the best service in it's restaurants: A La Carte with gourmet dishes; Italian with original Italian pastry; and Mediterranean where one can enjoy the taste of variety of sea food.



Businessmen who visit Yelken Yacht Club will be able to appreciate comfortable and beautiful conditions in rooms and villas; offering privacy and equipment which contribute to planned and efficient work. A wi-fi system will provide communication and operation on a business level all around the clock and operational staff will be performing a twenty-four-hour safeguard and service – unnoticed but efficiently. A conference hall is available, equipped with all of the required equipment for conducting official and business meetings, seminars, and conferences in any topic and industry.

Yelken Yacht club opens incredible opportunities for development of marine sports and offers business-clients sea trips on yachts and motor boats, classes in windsurfing and sailing, various aquatic entertainments, high-speed powerboats and aquatic scooters, as well as training in specialised centres with qualified coaches of an international standard. Qualified and certified coaches will hold classes in windsurfing and yachting every day. The wide variety of activities available on the water will produce indelible impressions, imbued with delight and happiness.

Tennis, football and other sports facilities are available and guarantee enjoyable after-work activities and the quality of service and the care of the staff in the fitness-club and spa-centre will produce a pleasant impression. After a productive working day you will get a wonderful opportunity for pleasant meetings, celebratory events and picnics in the open air with picturesque seascape in any season of the year.

May the nature of "Avaza" and Yelken Yacht club facilitate your successful business! ●

Яхт клуб «Ýelken»: бизнес и удовольствие

Яхт клуб «Ýelken» открывает свои возможности для плодотворной и эффективной работы, предлагая уникальные условия, где сочетаются природа, деловой дух и стремление к совершенству

Едва утреннее солнце озаряет побережье Каспийского моря, просыпается «Авaза» и начинается не только новый день, но и плодотворная деятельность всех, кто стремится сделать отдых и работу на «Авазе» более комфортными, интересными и разнообразными.

«Ýelken», расположенный на территории 40 гектаров, включающих 20 гектаров с зелеными насаждениями, два искусственных озера и, не нарушающие природный ландшафт, виллы и отельные номера, способствует духовному настрою деловых людей на эффективную работу. Яхт клуб «Ýelken» предоставляет возможность аренды как на короткий, так и на долгий срок. И все это – вдоль побережья «Ýelken», протяженностью более 1 км, где созданы все необходимые условия для отдыха и спорта после плодотворного рабочего дня. «Ýelken» живет интересной жизнью и предлагает своим гостям лучший сервис в своих ресторанах: A La Carte, с деликатесами на любой вкус; Italian, с оригинальной итальянской печью; Mediterranean, где можно насладиться вкусом разнообразных морепродуктов.



Бизнес – гости смогут по-достоинству оценить условия предоставляемых номеров и вилл, уединенность и оснащение которых способствуют планомерной и эффективной работе. Система Wi-Fi обеспечит круглосуточную связь и оперирование на бизнес- уровне. Современно оснащенный всем необходимым оборудованием конференц-зал, станет удобным для проведения любых официальных и бизнес– встреч, семинаров и конференций, посвященных любой тематике. Круглосуточную охрану и сервис будет незаметно, но эффективно выполнять обслуживающий персонал.

Яхт клуб «Ýelken», открывающий невероятные возможности для развития морских видов спорта, предложит вниманию бизнес- клиентов прогулки на яхтах и катерах, занятия по виндсерфингу и парусному спорту, комплекс водных развлечений, скоростные катера и водные скутеры, и что немаловажно, тренировочное обучение в специализированных центрах под руководством квалифицированных инструкторов международного класса.

Квалифицированные, имеющие соответствующие сертификаты инструктора будут ежедневно проводить занятия по виндсерфингу и яхтингу, так что занятия на воде оставят неизгладимые впечатления, ощущение восторга, счастья и одухотворенности.

Спортивные занятия на теннисных, футбольных и других площадках доставят удовольствие после рабочего дня, а качественный сервис и внимание персонала фитнес–клуба и Спа–центра произведут приятное впечатление. После делового и плодотворного рабочего дня Вам представится прекрасная возможность для проведения приятных встреч, или празднований любых событий и дат, а также проведение пикников на открытом воздухе с прекрасными видами на море в любой сезон года.

Пусть природа «Авазы» и яхт клуб«Ýelken» способствуют Вашему успешному бизнесу! ●

«Ýelken» ýaht-kluby: telekeçilik we amatlylyk

«Ýelken» ýaht-kluby hem her bir täze güni ýokary öndürijilikli hem-de uly ähmiýetli zähmet bilen garşylaýar we tebigaty, işewürligi hem-de kämilligi bir-birine utgaşdyrýan ajaýyp şertleri hödürleýär



Günüň ilkinji şöhlesi Hazar deňziniň kenaryna çaýylanda «Awaza» ukudan oýanýar we täze gün bilen bilelikde bu syýahatçylyk zolagynda tomusky dynç alşyň hem-de zähmetiň has amatly, gyzykly hem-de peýdaly bolmagy ugrunda çalyşýanlaryň hemmesiniň hysyrdyly iş-aladasy hem başlanýar.

«Ýelken» ýaht-kluby 40 gektar meýdanda ýerleşýär we onuň 20 gektaryny saýaly agaçlar, iki sany emeli köl hem-de tebigatyň görküne sazlaşyp goşulyp gidýän willalar we myhmanhana jaýlary eýeleýär. Bu sport dynç alyş merkezi telekeçileriň işewürlik meýillerine ruhy goldaw bermek bilen gysga we uzak möhletlik kärende mümkinçiliklerini teklip edýär. «Ýelken» klubynyň deňziň kenaryakasy boýunça 1 km-den gowrak aralyga uzaýan çäginde müşderiler iş gününden soňra dynç alar we sport bilen meşgullanar ýaly ähli mümkinçilikler we şertler döredilendir. «Ýelken» ýaht-klubynyň her güni şatlykly geçýär we ol öz myhmanlaryna iň gowy hyzmatlary hödürleýär: A La Carte naharhanasynda datly we lezzetli delikatesler; Italýan naharhanasynda özboluşly italýan usulynda bişirilýän lezzetli naharlar; Mediterranean naharhanasynda bolsa her dürli deňiz önümlerinden taýýarlanylýan tagamlaryň islendik görnüşleri müşderilere garaşýar.

Teklip edilýän myhmanhana jaýlarynyň we willalarynyň şertleri telekeçi – myhmanlaryň gownünden turup, olaryň ýokary bahasyna mynasyp bolar. Çünki olaryň aýry-aýrylykda ýerleşişi we abzallaşdyrylyşy täjirleriň maksadalýyk we netijeli işlemegine doly mümkinçilik döredýär. Wi-Fi ulgamy ýigrimi dört sagadyň dowamynda aragatnaşygy we täjirçilik derejesindäki amallary üpjün eder. Ähli zerur enjamlar bilen döwrebap abzallaşdyrylan mejlisler zaly islendik resmi we telekeçilik duşuşyklary, her dürli temalara bagyşlanan okuw maslahatlaryny hem-de derslerini geçirmek üçin örän amatlydyr. Myhmanhanalaryň işgärleri gorag hem-de beýleki hyzmatlary gije-gündiziň dowamynda göze ilmezden, ýöne diýseň ýokary hilli ýerine ýetirerler.

Sportuň deňiz görnüşlerini ösdürmäge giň ýol açýan «Ýelken» ýaht-kluby işewür adamlar üçin açyk deňizde ýahtalardaky we gaýyklardaky gezelençleri, windsýorfing we ýelkenli sport boýunça ýörite sapaklary gurar, suwdaky tomaşalaryň toplumyny, ýokary tizlikli katerleriň, motorly sport gämileriniň hyzmatyny ýerine ýetirer. Şeýle hem halkara derejeli tälimçileriň ýolbaşçylygynda ýöriteleşdirilen okuw merkezlerinde türgenleşik derslerini geçirer.

Ýokary hünärli, degişli sertifikat-ygtyýarnamalary bolan bilermenler her gün windsýorfing we ýahta sporty boýunça okuwlary alyp barlar, şeýlelikde suwdaky maşklar hem-de türgenleşikler myhmanlarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrar, şadyýanlyk we ruhubelentlik duýgularyny döreder.

Tennis, futbol we beýleki sport meýdançalary işden soňra müşderileriň hyzmatynda bolar, sagaldyş hem-de dikeldiş merkezleriniň, hammamlaryň ýokary hilli hyzmatlary hem olaryň wagtynyň peýdaly, şadyýan geçmegine ýardam eder. Öndürijilikli we netijeli iş gününden soňra Size ýakymly duşuşyklary ýa-da islendik şahsy wakalaryňyzyň we seneleriňiziň baýramçylygyny geçirmäge amatly şertler dörediler. Şonuň ýaly-da Siz ýylyň islendik möwsüminde deňziň ajaýyp kenaryakasynda açyk howada gezelençleri we oturluşyklary gurap bilersiňiz.

Goý «Awazanyň» hem-de «Ýelken» ýaht-klubynyň gözel tebigaty Siziň telekeçilik işleriňiziň rowaçlanmagyna ýardam etsin! ●

Tennis in Turkmenistan

Tennis is becoming more and more popular in the world and every year, TV broadcastings from the most prestigious Grand Slam championships call together billions of spectators. We find out how Turkmenistan is involved!

In Turkmenistan, thanks to great attention to sport development by the President Gurbanguly Berdimuhamedov, tennis is presently experiencing a "second birth" after the National Tennis Federation was admitted as a full-fledged member to International Tennis Federation (ITF) in 1993. The evidence of this is modern infrastructure which is being constructed all over the country including sport facilities with required conditions for efficient sport activities including tennis.

The "open door" policy which is being implemented by the leader of the nation, as well as the large-scale international cooperation in the area of physical culture and sport, and participation in international competitions; are a powerful impulse for further development of tennis as a national sport. A bright example of this is success of two international ITF junior tournaments of the 5th category "Ashgabat Cup" held in Turkmenistan and in honour of Independence Day. These competitions are included into the International Tennis Federation calendar. Winners from these tournaments — Anastasiya Prenko and Alexander Ernepesov — became students of the International Turkmen-Turkish University, as well as Isa Mamedkuliev who is perfecting his mastership in the French Tennis Academy in Paris. It is noteworthy that the first two are current champions of Turkmenistan. This year A. Ernepesov won the champion title among males for the third time. A. Prenko has been the women's champion of Turkmenistan since she was 13, and for a total of nine seasons. Currently she is the only tennis player in Turkmenistan who took part in the 2009 junior Wimbledon tournament.

More evidence of the productive development of tennis is the success of our sportsmen abroad. Last year the team of Turkmenistan tennis players Alexander Ernepesov, Georgiy Pochay, Eziz Dovletov and Atlymurad Kurbanov won a zonal tournament - the Davis Cup in Dubai (United Arab Emirates). For the first time in ten years of participating in these prestigious competitions the team broke through into the third group of the zone of Asia and Oceania. On the way to this success the Turkmen tennis players won against representatives of Bangladesh 3:0, Singapore – 2:1, Iraq – 3:0, Bahrain – 3:0, and in the playoff they won against the team of Saudi Arabia – 2:0. The same year the male team of Turkmenistan won against representatives of United Arab Emirates 2:1 in the zonal tournament of Davis Cup in Teheran and thus, kept its place in the third group of the zone of Asia and Oceania for next year.

This year at the qualifying tournament Fed Cup in Astana (Kazakhstan), the team of tennis players – Anastasiya Prenko, Jahan Bairamova (practicing in the Spanish Academy of Tennis), Guljahan Kadiriva and Jennet Hallieva broke through into the play-offs for the first time and became the fourth strongest team in the second group of the Asia and Oceania zone. Our teams of young boys and girls also broke through into the best four teams at the selective stage in Kuching (Malaysia) for the world Championship (under 14s). This year, 16-year old Igor Barzasekov complemented the success of Turkmen tennis players at the junior championship in June in Thailand ITF 4th category, where he reached the finals after gaining five victories.

A bright page in the history of sport was the celebration of International Tennis Day in Turkmenistan on March 3rd this year, which was established by the International Tennis Federation (ITF) to commemorate 100th anniversary of this organisation. Last year, the idea of celebrating International Tennis Day was supported by 48 countries. This year, the geography of celebrations has been significantly expanded: more than 70 countries responded to the ITF appeal to conduct various mass events aimed at popularisation of tennis. The Turkmenistan Tennis Federation has also prepared some interesting events, and physical training lessons in all secondary schools were devoted to teaching how to play tennis. Also, a tournament among ✈



© Walter Tolenaars

Türkmenistanda tennisiň gerimi barha giňeýär

Bu gün tennisiň ýer ýüzünde barha giň ýaýraýanlygyny nygtamagyň zerurlygy ýok bolsa gerek. Uly tuwalganyň (şlýemiň) meşhurlyga eýe bolan bäsleşikleriniň her ýylky telegörkezişlerini görmäge milliarda golaý tomaşaçy gatnaşýar. Geliň Türkmenistanyň halkara tennis bäsleşiklerinde gazanýan üstünlikleri bilen tanyş bolalyň.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzda sportuň giň gerim bilen ýaýbaňlandyrylmagy barada edýän ýadawsyz tagallasynyň netijesinde tennis bu gün öz ösüşiniň ikinji basgançagyna galdy. Köpçülikleýin häsiýete eýe bolan sportuň bu görnüşiniň ilkinji batly gadamy Milli tennis birleşmesiniň 1993-nji ýylda Halkara tennis birleşmesiniň (ITF) doly ygtyýarly agzalygyna kabul edilen pursadyndan başlanypdy. Tutuş ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döwrebap amatlyklary bolan häzirkizaman sport desgalarynyň gurulmagy müňlerçe bedenterbiýe muşdaklarynyň sportuň ähli ugurlarynda, şol sanda tennis boýunça yzygiderli türgenleşikleri geçirmegine şertleri döredýär.

Milletiň lideriniň alyp barýan «Açyk gapylar» syýasaty, bedenterbiýe we sport ulgamyndaky giň gerimli halkara hyzmatdaşlyklar, ýurtda halkara derejesindäki bäsleşikleriň geçirilmegi milli sportuň mundan beýläkde çalt depginler bilen öňe gitmegine giň ýol açýar.

Bu aýdylýanlaryň aýdyň mysaly hökmünde Türkmenistanda halkara bäsleşikleriniň ikisiniň üstünlikli geçirilendigini aýtmak bolar, bular «Ashabad Cup» we Halkara tennis birleşmesiniň senenamasyna girýän Garaşsyzlyk gününe bagyşlanan ITF-iň bäşinji derejeli halkara ýetginjekler turnirleridir.

Halkara türkmen-türk uniwersitetiniň talyplary Anastasiýa Prenko we Aleksandr Ärnepesow, şeýle hem Pariž şäherinde Fransiýanyň tennis akademiýasynda öz ussatlygyny kämilleşdirýän Isa Mämmetkulyýew dagylar ýaryşa gatnaşýan türkmen tennisçileriniň arasynda dürli ýyllarda bu halkara bäsleşikleriniň ýeňijileri boldular. Bu bäsleşigiň ýeňijileriniň başky ikisiniň Türkmenistanyň häzirki çempionlarydygy has-da guwançlydyr. A. Ärnepesow şu ýyl bu hormatly ada eýýäm üçinji gezek mynasyp boldy. A.A. Prenko bolsa 13 ýaşyndan – dokuz möwsümden bäri aýal--gyzlaryň arasynda Türkmenistanyň çempiony diýen ady sypdyrman eýeläp gelýär. Onuň türkmen tennisçileriniň arasynda 2009-njy ýylda ýetginjekleriň arasynda geçirilýän Uimbldon bäsleşigine gatnaşan ýeke-täk türgendigini ýatlamak hem ýerliklidir.

Biziň ildeşlerimiziň halkara ýaryşlarynda gazanýan üstünlikleri Türkmenistanda tennisiň ösüşiniň ýene-de bir aýdyň şaýadydyr. Mysal üçin, Aleksandr Ärnepesowyň, Georgiý Poçaýyň, Eziz Döwletowyň we Altymyrat Gurbanowyň gatnaşmagyndaky türkmen tennisçileriniň topary Dewisiň Kubogynyň Dubaý (Birleşen Arap Emirlikleri) şäherinde geçirilen sebitleýin ýaryşynyň ýeňijisi bolup, bu abraýly bäsleşiklere gatnaşylan 10 ýylyň dowamynda ilkinji gezek Aziýa we Ummanara zolagyň üçünji toparyna girdi. Bu uly üstünlige barýan kynçylykly ýolda türkmen tennisçileri Bangladeşiň wekillerini – 3:0, Singapurly türgenleri – 2:1, Yragyň tennisçilerini –3:0, Bahreýniň wekillerini hem – 3:0 hasabynda, ýaryşyň ikinji – pleý-off, ýagny utulan çykdy tapgyrynda bolsa Saud Arabystanynyň toparyny – 2:0 hasabynda ýeňmegi başardy. Şol ýyl hem Dewisiň Kubogynyň Tähran şäherinde geçirilen sebitleýin ýaryşynda



• *Leaders of Turkmenistan male team Alexander Ernepesov (right) and Georgiy Pochay (left) with the Chairman of Turkmenistan Tennis Federation Gulcha Byashimov (centre).* • *Türkmenistanyň tennis boýunça erkekler ýygyndy toparynyň ezber türgenleri Aleksandr Ärnepesow (sagda) we Georgiý Poçaý (çepde) Türkmenistanyň Tennis federasiýasynyň başlygy Gulça Bäşimow (ortada) bilen bilelikde.* • *Лидеры мужской команды Туркменистана Александр Эрнепесов (справа) и Георгий Почай (слева) с председателем Федерации тенниса Туркменистана Гулча Бяшимовым (в центре).*



• **Above:** *Cups of the Turkmen tennis players for the victory in a doubles match in the competitions in Thailand* • **Yokarda:** *Taýlandda geçirilen ýaryşlarda türkmen tennisçileriniň jübütleýin çykyşlarda eýeläp kuboklary.* • **Выше:** *Кубки туркменских теннисистов за победу в парной игре на соревнованиях в Таиланде*

Türkmenistanyň erkekler topary Birleşen Arap Emirlikleriniň ýaş türgenlerini – 2:1 hasabynda ýeňdi we geljek ýylda Aziýa we Ummanara zolagyň üçünji toparynda öz ýerini saklamagy başardy.

Şu ýylda ýene-de bir abraýly halkara bäsleşiginde – Astana şäherinde geçirilen Fed Cup bäsleşiginiň saýlama ýaryşlarynda Anastasiýa Prenkonyň, Jahan Baýramowanyň (ol Ispaniýanyň tennis akademiýasynda türgenleşýär), Güljahan Kadyrowanyň we Jennet Hallyýewanyň gatnaşmagyndaky türkmen tennisçi gyzlarynyň topary ilkinji gezek ýaryşyň ikinji tapgyryna çykmagy başardy we Aziýa we Ummanara zolagyň ikinji toparynyň iň güýçli dörtlüginiň hataryna girdi. Mundan başga-da, biziň ýetginjek oglanlarymyzdan we gyzlarmyzdan düzülen tennisçiler topary şu ýyl dünýä çempionatynyň (14 ýaşdan uly bolmadyklaryň arasynda) Kuçingde (Malaýziýa) geçirilen saýlama bäsleşiklerinde iň güýçli dörtlügiň sanawyna goşuldy. Türkmen türgenleriniň ✈

Теннис в Туркменистане

О растущей в мире популярности тенниса сегодня говорить не приходиться. Ежегодно телетрансляции с престижнейших соревнований Большого шлема собирают до миллиарда зрителей. Мы узнаем какое участие в мире тенниса принимает Туркменистан

В Туркменистане благодаря огромному личному вниманию Президента Гурбангулы Бердымухамедова вопросам развития спорта теннис сегодня переживает второе рождение после принятия в 1993 году национальной теннисной федерации в полноправные члены Международной соответствующей организации (ITF). Свидетельством тому – создающаяся по всей стране современная инфраструктура, включающая в себя возведенные повсеместно и продолжающиеся строиться многочисленные спортивные объекты с необходимыми условиями для



• **Above:** *Team-winner of the zonal tournament for the Davis Cup in Dubai (UAE) (from left to right) Alexander Ernepesov, Altymurad Kurbanov, Georgiy Pochay and Eziz Dovletov.* • **Yokarda:** *Dubaý (BAE) şäherinde geçirilen Dewisiň sebitleýin bäsleşiginiň ýeňiji-topary Aleksandr Ärnepesow, Georgiý Poçaý we Eziz Döwletow (çepden saga).* • **Выше:** *Команда- победительница зонального турнира Кубка Дэвиса в г.Дубай (ОАЭ) в составе (слева на право) Александра Эрнепесова, Алтымурада Курбанова, Георгия Почая и Эзиза Довлетова.*

эффективных занятий различными видами спорта, в том числе и теннисом.

Реализуемая лидером нации политика «открытых дверей», широкомасштабное международное сотрудничество в области физкультуры и спорта, проведение в стране соревнований международного уровня, являются также мощным импульсом для дальнейшего развития отечественной сферы спорта. Яркий тому пример – успешное проведение в Туркменистане двух международных юниорских турниров ITF 5-й категории «Ashgabat Cup» и в честь Дня независимости, входящих в календарь Международной теннисной федерации. Победителями этих турниров из числа туркменских теннисистов в разные годы становились студенты Международного туркмено-турецкого университета Анастасия Пренко и Александр Эрнепесов, а также совершенствующий свое мастерство во французской Академии тенниса в Париже Иса Мамедкулиев. Примечательно, что первые двое являются действующими чемпионами Туркменистана. А.Эрнепесов в этом году уже в третий раз выиграл звание чемпиона страны среди мужчин. А А.Пренко с 13 лет девять сезонов подряд удерживает титул чемпионки Туркменистана среди женщин. Кстати, на сегодняшний день она остается единственной в Туркменистане теннисисткой, которой в 2009 году довелось выступить на юниорском Уимблдонском турнире.

Еще одним свидетельством плодотворного развития тенниса стали успехи наших соотечественников за рубежом. Так, в прошлом году команда туркменских теннисистов в составе Александра Эрнепесова, Георгия Почая, Эзиза Довлетова и Алтымурада Курбанова выиграла проходивший в городе Дубай (Объединенные Арабские Эмираты) зональный турнир Кубка Дэвиса и впервые за 10 лет выступления в этих престижнейших соревнованиях пробилась в третью группу зоны Азии и Океании. На пути к этому успеху туркменистанцы поочередно выиграли у представителей Бангладеша – 3:0, Сингапура – 2:1, Ирака – 3:0, Бахрейна – 3:0, а в плей-офф взяли верх над командой Саудовской Аравии – 2:0. В этом же году на состоявшемся в Тегеране зональном турнире Кубка Дэвиса мужская команда Туркменистана выиграла у представителей Объединенных Арабских Эмиратов – 2:1 и сохранила на будущий год за собой место в третьей группе зоны Азии и Океании.

В текущем году на не менее престижном отборочном турнире Fed Cup в Астане (Казахстан) команда туркменских теннисисток в составе Анастасии Пренко, Джаханы Байрамовой (она тренируется в испанской Академии тенниса), Гульджахан Кадыровой и Дженнеты Халлыевой впервые пробилась в плей-офф и вошла в четверку сильнейших команд второй группы зоны Азии и Океании. Помимо этого, наши команды юношей и девушек пробились в четверку лучших и на состоявшемся в этом году отборочном этапе в Кучинге (Малайзия) к чемпионату мира (не старше 14 лет). Дополнил успехи туркменских теннисистов в этом году 16-летний Игорь Барзасеков. На завершившемся в июне в Таиланде юниорском турнире ITF 4-й категории он дошел до финала, одержав пять побед. ✈

• **Right:** *Diana Bezrutchenko, Winner of Turkmenistan championship among girls under 13s.* • **Sagdan:** *13 ýaşdan uly bolmadyk gyzlaryň arasynda Türkmenistanda birinjiligi almak ugrundaky bäsleşigiň ýeňijisi Diana Bezrutçenko.* • **Справа:** *Победительница первенства Туркменистана среди девочек не старше 13 лет Диана Безрутченко.*



şu ýylky gazanan üstünliklerine 16 ýaşly Igor Barzasekow hem öz mynasyp goşandyny goşdy. Ol iýun aýynda Taýlandda tamamlanan ýetginjekleriň dördünji derejeli TIF bäsleşiginde özüniň bäş sany garşydaşyny ýeňip, finala çykmagyň hötdesinden geldi.

Şu ýylyň 3-nji martynda Türkmenistanda bellenen Bütindünýä tennis güni ýurdumyzyň sportunyň taryhyna ýazyldy, bu sport senesi geçen ýyl Halkara tennis birleşmesi (ITF) tarapyndan bu guramanyň 100 ýyllygy mynasybetli ýglan edilipdi. Geçen ýyl Bütindünýä tennis gününi geçirmegi goldap 48 sany ýurt çykyş edipdi. Bu ýyl bolsa onuň gerimi has-da giňedi: ITF-iň bu gün tennisi giň ýaýratmaga gönükdirilen dürli köpçülikleýin çäreleri geçirmek hakdaky çagyryşyna ýene-de 70-den gowrak ýurt seslendi. Türkmenistanyň Tennis birleşmesi hem TIF-iň doly hukukly agzasy hökmünde bu wakadan daşda durmady we birnäçe gyzykly çäreleri durmuşa geçirdi. Şeýlelikde, şol gün umumy bilim beryän mekdeplerde bedenterbiýe sapagy tennis oýnunyň düzgünlerini öwretmeklige bagyşlandy.

Şeýle-de Bütindünýä tennis gününiň geçirilişiniň çäginde weteranlaryň we höwesjeňleriň arasynda bäsleşik hem-de çagalaryň ilkinji tennis festiwaly geçirilip, oňa Marydan we Aşgabatdan 6-dan 12 ýaşa çenli çagalaryň onlarça muşdaklary gatnaşdy. Ilatyň arasynda tennisi giňden ýaýratmak we çagalary sagdyn durmuş ýörelgesine çekmek maksady bilen bu köpçülikleýin sport çäresi ýaşaýýş jaý toplumlarynyň biriniň sport meýdançasynda geçirildi.

Çagalaryň bu ilkinji tennis festiwalyna gatnaşanlaryň ählisi sertifikatlara we gymmatbahaly baýraklara mynasyp boldular. Tennisiň ýaş muşdaklarynyň resmi ýagdaýda sylaglanmagyndan soňra olara Bütindünýä tennis gününiň nyşany şekillendirilen 10 kilogramlyk äpet uly tort sowgat berildi. Hemmeler: hem ulular, hem çagalar muňa örän begendiler.

Hemme ýerde tennis meýdançalarynyň gurulmagy netijesinde ýeke bir paýtagtda däl, eýsem, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde-de çagalar tennisi çalt depginlerdäki ösüşe eýe bolýar. Türkmenistanda birinjiligi almak ugrunda iýun aýynda tamamlanan ýaş tennisçileriň ýaryşy, Lebabyň we Marynyň tennis mekdepleriniň wekilleriniň paýtagtyň türgenleri bilen çynlakaý bäsleşik gurap bilýändiklerini görkezdi. Bu bäsleşik hakykatdan hem täze zehinleriň ýüzüni açdy: 10 ýaşly çagalaryň arasynda final duşuşygynda Dilýa Soltanowany (Aşgabat) ýeňmegi başaran Lebap welaýatynyň Garaşsyzlyk etrabyndan gelen Laçyn Babakulyýewa hem şol ýaş zehinleriň biridir. Bu ýaş toparyndaky oglanjyklaryň arasyndaky final duşuşygy maryly tälimçi Andreý Dowmatowyň şägirtleri – Didar Wepamyradow bilen Kakajan Baýramgeldiýewiň arasynda geçdi. Final duşuşygynda Kakajan Baýramgeldiýew ýeňiş gazandy.

Türkmenistanyň tennis birleşmesiniň geljekdäki esasy wezipeleriniň biri: Ahal we Balkan welaýatlarynda tennis mekdeplerini açmakdan ybaratdyr. Tennisi ösdürmek boýunça öňde garaşylýan ýene-de bir çäre bolsa – 4 müň orunlyk ýapyk tennis meýdançasynyň gurluşygydyr. Bu meýdança paýtagtymyzda 2017-nji ýylda Ýapyk desgalarda we söweşjeň sungat boýunça V Aziýa oýunlarynyň geçiriljek Olimpiýa şäherjiginiň çäklerinde gurlar.

Häzir bu täzeliklere sabyrsyzlyk bilen garaşylýan günlerde Aleksandr Ärnepesowyň, Georgiý Poçaýyň, Isa Mämmetkulyýewiň, Anastasiýa Prenkonyň we Jahan Baýramowanyň gatnaşmagyndaky türkmen tennisçileriniň topary şu ýylyň sentýabr aýynda Koreýa Respublikasynyň Inçhon şäherinde geçiriljek XVII tomusky Aziýa oýunlaryna taýynlanýar.

Aleksandr Werşinin,
Türkmenistanyň Sport žurnalistleriniň birleşmesiniň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzasy

• **Below:** *Georgiy Pochay, serving at the international tournament in Thailand, in a doubles match with Alexander Ernepesov.* • **Aşakda:** *Taýlandda geçirilen ýaryşlarda jübütleýin toparda çykyş eden türkmen tennisçileri Georgiý Poçaý we Aleksandr Ärnepesow.* • **Ниже:** *На подаче Георгий Почай в паре с Александром Эрнепесовым на международном турнире в Таиланде.*



non-professional veterans and the first children's tennis festival were held. Young tennis enthusiasts aged 6-12 from Ashgabat and Mary got together at the festival which was held at the sport grounds in one of the residential areas. All participants were awarded with certificates and gifts and after the official award ceremony, young tennis enthusiasts enjoyed tasting a 10kg tart with the International Tennis Day emblem. Both adults and children had a very enjoyable day.

Thanks to the countrywide construction of tennis courts, children's tennis is intensively developing across the whole of Turkmenistan. The results of the championship in June demonstrated that representatives of Lebap and Mary tennis schools present a serious competition to sportsmen from the capital. A real finding from these competitions was Lachin Babakulieva, from the Garashsyzlyk etrap of Lebap, who was in the 10 year old age group, and who won the final from Dilya Sultanova (Ashgabat). Young tennis players from the same age group – Didar Vepamuradov and Kakadjan Bairamgeldiev of Mary coach Andrey Dovmatov – played in the finals and Kakadjan was successful.

Further plans of the Turkmenistan Tennis Federation include opening tennis schools in the Akhal and Balkan velayats. Among other expected significant events in the development of tennis is the construction of an indoor court for 4,000 places in the Olympic town, which is under construction in the capital. In 2017 the Vth Asian Indoor and Martial Arts Games will be held in this Olympic town.

Meanwhile pending for these events, the team of Turkmen tennis players: Alexander Ernepesov, Georgiy Pochay, Isa Mamedkuliev, Anastasiya Prenko and Jahan Bairamova, is preparing for the 17th summer Asian games which will take place in September this year in Inchon (Republic of Korea).

Alexander Vershinin,
Member of the Executive Committee of Turkmenistan Sport Journalist Federation



• *Alexander Ernepesov (left) and Georgiy Pochay (right), who won prize places at the international tournament in Singapore in 2013.* • *2013-nji ýylda Singapurda geçirilen halkara bäsleşiginde baýrakly orna mynasyp bolan Aleksandr Ärnepesow (çepde) we Georgiý Poçaý (sagda).* • *Александр Эрнепесов (слева) и Георгий Почай (справа), завоевавшие призовые места на международном турнире в Сингапуре в 2013 г.*

Яркой страницей в историю отечественного спорта был вписан и отмеченный 3 марта этого года в Туркменистане Всемирный день тенниса, который был учрежден год назад Международной теннисной федерацией (ITF) в честь 100-летия этой организации. В прошлом году идею ежегодного проведения Всемирного дня тенниса поддержали 48 стран.

В нынешнем география его значительно расширилась: на призыв ITF провести в этот день различные массовые мероприятия, направленные на популяризацию тенниса, откликнулись в более чем 70 странах. Как полноправный член ITF, не осталась в стороне от этого события и Федерация тенниса Туркменистана, подготовившая ряд интересных мероприятий. Так, в этот день во всех общеобразовательных школах уроки физкультуры были посвящены обучению навыков игры в теннис.

Также в рамках Всемирного дня тенниса в столице состоялись турнир среди ветеранов-любителей и первый детский теннисный фестиваль, собравший десятки юных поклонников этого вида спорта в возрасте от 6 до 12 лет из Ашхабада и Мары. Местом его проведения в целях широкой популяризации тенниса среди населения и привлечения детей к здоровому образу жизни стали спортивные площадки одного из жилых комплексов. Все участники детского фестиваля были удостоены сертификатов и ценных призов. А после официальной церемонии награждения юным поклонникам тенниса был преподнесен 10-килограммовый торт с эмблемой Всемирного дня тенниса. Довольными остались все – и дети, и взрослые.

Благодаря повсеместному строительству кортов детский теннис получил стремительное развитие не только в столице. Итоги завершившегося в июне первенства Туркменистана среди юных теннисистов показали, что сегодня серьезную конкуренцию столичным спортсменам уже оказывают представители теннисных школ Лебапа и Мары. Так, настоящим открытием этих соревнований в возрастной группе до 10 лет стала Лачин Бабакулиева из этрапа Гарашсызлык Лебапского велаята, выигравшая в финале у Дили Султановой (Ашхабад). А у юношей в этой же возрастной группе первенство в финале разыграли воспитанники марыйского тренера Андрея Довматова – Дидар Вепамурадов и Какаджан Байрамгельдыев. Успех сопутствовал последнему.

В дальнейших планах Федерации тенниса Туркменистана – открытие теннисных спортивных школ в Ахалском и Балканском велаятах. Среди других ожидаемых значимых в развитии тенниса событий – возведение крытого теннисного корта на 4 тысячи зрительских мест в рамках строящегося в столице Олимпийского городка, на базе которого в 2017 году будут проходить V Азиатские игры в закрытых помещениях и по боевым искусствам.

Пока же в ожидании этих премьер команда туркменских теннисистов в составе Александра Эрнепесова, Георгия Почая, Исы Мамедкулиева, Анастасии Пренко и Джаханы Байрамовой готовится к XVII летним Азиатским играм, которые пройдут в сентябре этого года в Инчхоне (Республика Корея).

Александр Вершинин,
Член Исполкома Федерации спортивных журналистов Туркменистана



© Piya Pattanurug

2017



Turkmenistan is proud to be hosting The 5th Asian Indoor and Martial Arts Games

More than 5,000 participants from 62 countries will compete, and for the first time in Asian Games history, not only Asian countries but Oceania countries, such as Australia, New Zealand, Polynesia and Micronesia, will also take part.

Türkmenistan Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny geçirmäge hormatly hukuk gazandy

Biziň ýurdumyz 62 ýurduň 5000-den gowrak türgenini kabul edýändigine örän buýsanýar. Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça Aziýa oýunlarynyň taryhynda ilkinji gezek oňa Aziya döwletlerinden başga Awstraliya, Täze Zelandiýa, Polineziýa we Mikroneziýa ýaly Ummannara döwletleri gatnaşýar.

Туркменистан удостоен почетного права провести V Азиатские игры в закрытых помещениях и по боевым искусствам

Наша страна гордится возможностью принять более 5000 тысяч спортсменов из 62 стран. Впервые в истории Азиатских игр в закрытых помещениях и по боевым искусствам примут участие не только страны Азии, но и Океании, такие как Австралия, Новая Зеландия, государства Полинезии и Микронезии.

The glamorous charm of the shawl

These bright and dazzling Russian shawls are always stylish and fashionable. At any time of the year different styles of shawls complete an outfit and have, for many centuries, been an integral part of women's clothing



Ajaýyp nagyşly ýaglyklar

Açyk öwüşginli we ýeňil, nagyşlary hem-de seçekleri gözüňi gamaşdyryjy öwüsýän rus eriş ýaglyklary – elmydama döwrebap, elmydama islegli hem-de hyrydarlydyr. Aýal-gyzlaryň görküne görk goşýan we olaryň özboluşly keşplerini has-da enaýy görkezýän ýaglyklar ýylyň islendik paslynda, dürli-dürli stillerde kelläňe daňmak ýa-da başa atmak, boýna oramak bilen indi ençeme asyrlar bäri zenanlaryň iň arzyly geýmisaryna öwrüldi

Russiýanyň şöhrady hasaplanýan we onuň buýsanjyna öwrülen bütin dünýä meşhur özboluşly harytlarynyň içinde gadymy Pawlow Posad şäheriniň ýaglyklary we öýme-şallary aýratyn orna mynasypdyr.

«Pawlowposadyň ýaglyk manufakturasy» her ýylda tebigy çig mallardan, ýagny ýüňden, nahdan, ýüpekden – ýaglyklaryň, öýme-şallaryň, şarflaryň, boýna oralýan we gerdene atylýan kaşneleriň, mahmal ýapynjalaryň – palantinleriň we saçaklaryň 400-e golaý görnüşini öndürýär. Russiýanyň modelýerleri we olaryň daşary ýurtly kärdeşleri her möwsümde öz ýygnaýan kolleksiýalarynda pawlowposadly ussat zenanlaryň ezber elinden çykan nagyşlary, jähekleri, seçekleri peýdalanýarlar. Dizaýnçy suratkeşleriň hemmesi diýen ýaly bir agyzdan bu ýaglyklaryň nagyşlarynyň özleriniň döredijilik ylhamyna egsilmez çeşme bolup hyzmat edýändigini tassyklaýarlar. Pawlow Posad şäheriniň ýaglyklarynyň köptaraply enaýylygy olaryň kellä daňynmak, başa atmak ýa-da gyşyna şarf ýaly, tomsuna bolsa sarafan köýnekleriň üstünden boýna oramak üçin diýseň amatly hem owadanlygyndan ybaratdyr.

